TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMEN BEDEWINIŇ ŞAN-ŞÖHRATY BU GÜN DÜNÝÄNI HAÝRAN GALDYRÝAR. DÜNÝÄ ATÇYLYK MEDENIÝETINIŇ NAÝBAŞYLARYNYŇ BIRI HASAPLANÝAN BEHIŞDI BEDEWLERIMIZ HALKYMYZYŇ MILLI GYMMATLYGYDYR, PEDERLERIŇ NESILLERE GOÝAN MIRASYDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
11-nji sentýabr, 2026. Belgisi 37/1707



## Serdar BERDIMUHAMEDOW

# TÜRKMENIŇ BUÝSANJY

*Beýik taryh – beýik geljege binýat,*
*Bu bir röwşen ykbalydyr türkmeniň.*
*Geçmişe buýsançdyr, şu güne şöhrat,*
*Bedew ruhy ahwalydyr türkmeniň.*

*Jümle-jahan gözelligi görkünde,*
*Alys-alys ýollar onuň erkinde,*
*At myratdyr, at ganatdyr türkmende,*
*Ol kämillik kemalydyr türkmeniň.*

*Niçik gudrat eneleriň yhlasy,*
*Göýä güller açan köňül sährasy,*
*Nepis haly – eýýamlaryň mirasy,*
*Şanly ömür beýanydyr türkmeniň.*

*Mydam goraga sak, hüşgär hem düşbi,*
*Wepaly alabaý – dostlugyň keşbi,*
*Asyrlaryň uzak menzilin geçdi,*
*Hemişelik hemrasydyr türkmeniň.*

*Owazasy ýedi yklyma ýaýran,*
*Beýik sungatyna giň dünýä haýran,*
*Halkyň göwni bolup gülleýär zaman,*
*Ol dowamat-dowamydyr türkmeniň.*

# AHALTEKE BEDEWINIŇ ŞÖHRATY DÜNÝÄ DOLÝAR

**Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda atçylyk sportuny we milli seýisçilik sungatyny ösdürmäge döwlet derejesinde uly üns berilýär. Türkmen halkynyň milli buýsanjy bolan ahalteke bedewi bütin dünýäniň hem gymmatlygydyr.**



Muňa 4 – 6-njy sentýabrda Niderlandlar Patyşalygynyň Kronenberg şäherinde ahalteke atlarynyň arasynda atly sport we gözellik bäsleşigi boýunça geçirilen dünýä çempionaty hem aýdyň subutnamadyr. Häzirki wagtda ahalteke atlarynyň bäsleşikleri diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem, Russiýa Federasiýasynda, Ýewropa döwletlerinde, Hytaýda we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda hem yzygiderli geçirilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Niderlandlar Patyşalygynyň Kronenberg şäherinde gecirilen dabaralar ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny has-da belende galdyrdy. Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda amala aşyran daşary ýurt saparlary atçylyk diplomatiýasynyň tutuş dünýäde dabaralanýandygyny aýdyň görkezdi.



Niderlandlar Patyşalygynda geçirilen ahalteke atlarynyň arasynda atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionaty, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň açyk mejlisi, halkara ylmy-amaly maslahaty, ahalteke bedewleriniň gözelligini çeper beýan edýän halkara bäsleşigi we sergi-ýarmarkasy Watanymyzyň abraýyny, behişdi bedewleriň dünýädäki şöhratyny mundan beýläk-de artdyrmaga şert döretdi. ■ 2

# TÜRKMENISTAN–ÝEWROPA BILELEŞIGI: ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

**9-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýewropa Bileleşiginiň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Lýuk Pýer Dewini kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.**

Diplomat wagt tapyp kabul edendigi üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallygyny bildirip, oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty durmuşa geçirýän Türkmenistanda Ýewropa Bileleşigine wekilçilik etmegiň özi üçin uly hormatdygyny belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, Ýewropa Geňeşiniň Başlygy Antonio Koştanyň we Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy Ursula fon der Lýaýeniň döwlet Baştutanymyza, Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz Ýewropa Bileleşiginiň ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan edip, Lýuk Pýer Dewini bu ýokary diplomatik wezipä bellenilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady hem-de onuň bu wezipede ýurdumyz bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda alyp barjak işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenistan Ýewropa Bileleşigi bilen gatnaşyklara möhüm ähmiýet berýär. Bu düzüm ýurdumyzyň wajyp halkara hyzmatdaşlarynyň biri bolup, soňky ýyllarda bu gatnaşyklar özara hormat goýmak, ynanyşmak, umumy bähbitlere esaslanýan köpugurly hyzmatdaşlyk ruhunda ösdürilýär. Türkmenistan Ýewropa Bileleşigi bilen syýasy dialogy mundan beýläk-de ösdürmäge, özara gyzyklanma bildirilýän halkara we sebit meseleleri boýunça pikir alyşmalary işjeňleşdirmäge uly ähmiýet berýär.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk möhüm ugurlaryň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz söwda dolanyşygyny artdyrmak, Ýewropa ýurtlarynyň kompaniýalary bilen işewürlik gatnaşyklaryny giňeltmek, täze maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyna ünsi çekdi. Şeýle-de ýurdumyz energetika, ulag-logistika, senagat, oba hojalygy, sanly tehnologiýalar, daşky gurşawy goramak ýaly ugurlarda hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýär.



Söhbetdeşler ulag-aragatnaşyk ulgamynda Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmegiň zerurdygyny aýdyp, Hazar deňziniň üsti bilen Ýewropa bazarlaryna çykýan ugurlary we Hazarüsti ulag geçelgesiniň mümkinçiliklerini ösdürmegiň umumy bähbitlere laýyk gelýändigini bellediler. Şunuň bilen birlikde, energetika ulgamynda, şol sanda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmek, «ýaşyl» ykdysadyýete geçmek boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygy aýdyldy.

Medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk hem möhüm ugur bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, bilim, ylym, medeniýet ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň özara düşünişmegi berkitmäge hyzmat edýändigi nygtaldy.

* * *

Şol gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Fransiýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi hanym Alena Grandy kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Fransiýa Respublikasy Türkmenistanyň Ýewropadaky esasy hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyz söwda-ykdysady, energetika, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Söhbetdeşler Türkmenistanyň hem-de Fransiýanyň diňe bir ikitaraplaýyn görnüşde däl, eýsem, halkara düzümleriň çäklerinde-de üstünlikli hyzmatdaşlyk edýändiklerini kanagatlanma bilen bellediler. Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly abraýly halkara guramalaryň çäklerindäki özara gatnaşyklar munuň aýdyň mysalydyr.

**BMG-niň täze özgertmeleri**
BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş agza döwletleri guramanyň 80 ýyllygy mynasybetli başlanan giň möçberli özgertmeleriň depginini gowşatman, ony has-da güýçlendirmäge çagyrdy. ■ 4

**Üzüm toşabynyň saglyga peýdasy**
Üzüm asyrlarboýy saçagymyzyň bezegi bolup gelýär. Çyrmaşyk agaçda bitýän miweden kişmiş, mürepbe, şerbet we toşap taýýarlanýar. ■ 5

**Sary garpyz gördüňizmi?!**
Dünýäde garpyzyň 1200-den gowrak görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Göräýmäge garpyzyň ähli görnüşi birmeňzeş ýaly. Ýöne bu bakja öňüminiň daşky görnüşi hem-de içki reňki bilen tapawutlanýan dürli görnüşleri bar. ■ 6

**Antonelli öz ýurdunda ýeňiş gazandy**
Formula 1 boýunça möwsümiň 13-nji ýaryşy – Italiýa «Gran Prisi» Monza şäherinde geçirildi. ■ 7

## Ýel energiýasynda rekord

Ýewropada şu ýylyň birinji ýarymynda umumy önümçilik kuwwaty 8,8 GWt bolan täze ýel beketleri işe girizildi. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden 30% ýokarydyr. Täze gurlan desgalar 7 million hojalygy arassa elektrik energiýasy bilen üpjün edýär. «WindEurope» guramasy ýylyň ahyryna çenli kuwwaty 24 GWt



bolan täze desgalaryň gurlup ulanmaga beriljekdigini habar berdi. Täze ýel beketleriniň 7,1 GWt-lyk bölegi Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlara degişli boldy. «WindEurope»-yň bu baradaky maglumatyna görä, ýel beketlerini gurmakda Germaniýa öňdeligi eýeleýär. Bu ýurtda 3,4 GWt täze ýel bekedi işe girizilipdir. Daniýa, Polşa, Portugaliýa we Fransiýa döwletlerinde ýel beketleriniň gurluşygy artypdyr. Degişli döwürde Ukrainada 400 MWt ýel bekedi gurlup ulanmaga berlipdir.

Bilermenler 2030-njy ýyllarda sebitde her ýyl guruljak ýel beketleriniň umumy önümçilik kuwwatynyň 30 GWt derejesine ýetjekdigini çaklaýarlar. 2030-njy ýyla çenli Ýewropa Bileleşiginde sarp edilýän elektrik energiýasynyň 27 göterimi ýel beketlerinden alnar.

**Süleýman BABALYÝEW,**
*TMÝG-niň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň hojalyk işleri boýunça esasy hünärmeni.*

## Iň uly ýer gazyjy maşyn

Hytaýda Ýanszy derýasynyň aşagyndan tunel gurmaga niýetlenen äpet maşyn gurlup gutaryldy. «Linghang» atly äpet agregat derýanyň aşagyndan geçjek demir ýol ötüginiň gurluşygynda peýdalanylar. Diametri 13,72 metre barabar bolan maşynyň uzynlygy 145 metre ýetýär.

Ýurtda durmuşa geçirilýän ýol-ulag taslamasynyň çäklerinde Ýanszy derýasynyň astyndan demir ýol geçirilmegi maksat edinilýär. Ýerasty geçelgede iki



sany ugurdaş demir ýol gurlar. Bu bolsa, iki tarapa hem üznüksiz otly gatnawyny ýola goýmaga mümkinçilik berer.

Derýanyň aşagyny gazmak örän çylşyrymly we kyn. Sebäbi ýokardan suwuň agramy hem basyş edýär. Şol sebäpli maşyn goşmaça daşky gorag gatlagy bilen üpjün edilipdir. Nankin şäherinde amala aşyryljak taslamanyň çäklerinde jemi uzynlygy 20,4 kilometr boljak demir ýol gurlar. Şonuň 14 kilometr bölegi ýeriň astyndan geçer. Derýanyň aşagyndan geçýän böleginiň iň çuň ýeri 107 metre ýeter. Ol ýerde gurluşyk iki tarapdan başlanar. Tunnel gazyjy maşynlar ortada «duşuşarlar».

Guruljak ýerasty demir ýol geçelgesi ýurduň iri ykdysady zolaklaryny birleşdirer.

# GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ GYMMATLY MASLAHATLARY – ÝAŞLARA ÝÖRELGE

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly durmuşymyzda ýatdan çykmajak pursatlara beslenýär. Tylla güýzüň ilkinji aýynyň ilkinji günlerinde Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň bilim işgärleri, talyp ýaşlar hem-de okuwçylar bilen geçen umumy sapagy ylym-bilim ulgamynda möhüm ähmiýetli taryhy waka boldy. Onuň dowamynda ýaş nesliň öwrenmäge höwesini artdyrmak, olaryň milli gymmatlyklara wepalylygyny berkitmek babatda gymmatly pikirler beýan edildi. Öňe sürlen her bir pikir ýaşlaryň durmuşda dogry ýol-ýörelgäni saýlamagyna, Watana söýgüsini iş ýüzünde görkezmegine ýardam berýän nusgalyk öwüt-ündewlere öwrüldi. Şunda bilim bilen terbiýäniň sazlaşygynyň kämil şahsyýeti kemala getirmegiň esasy şertleriniň biridigi aýratyn nygtaldy. Gahryman Arkadagymyzyň Watanymyzyň beýik geljegini gurujylara bildirýän belent ynamy olary täze üstünliklere, döredijilikli zähmete, ylym-bilimde öňe gitmäge ruhlandyrýan güýçdür.



Gahryman Arkadagymyzyň çuň manyly çykyşlarynda öňe süren parasatly pikirleri we ýaşlara bildirýän belent ynamy talyplarda uly täsir galdyrdy. Milli Liderimiziň ýaş nesle berýän gymmatly öwüt-ündewleri bilim almaga, yhlasly zähmet çekmäge, Watana ak ýürekden hyzmat etmäge we ýurdumyzyň ösüşine mynasyp goşant goşmaga ruhlandyrýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlarynyň netijesinde ýaşlar üçin döredilýän giň mümkinçilikler, döwrebap bilim ojaklary we amatly şertler Türkmenistanyň bagtyýar geljeginiň berk binýadynyň tutulýandygyny aýdyň görkezýär.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän watançylyk, ynsanperwerlik we parahatçylyk söýüjilik ýörelgeleri ýaş nesiller üçin geçmişimiziň şöhratly taryhyny, häzirki döwrüň beýik üstünliklerini we nurana geljegimizi pugta birikdirýän egsilmez terbiýe mekdebi bolup durýar.

Umumy sapakda türkmençilik däp-dessurlaryna, maşgala mukaddesligine, ýaş nesli milli ruhda terbiýelemegiň ähmiýetine aýratyn üns berilmeginiň möhümdigi aýdyldy. Bu babatda pederlerimizden miras galan atalar sözleri, nakyllar, tymsallar, hüwdüler ägirt uly terbiýeçilik güýjüne eýedir. Gahryman Arkadagymyzyň «Ynsany kämillige ýetirýän ylym hem-de bilimdir» diýen pähimi biziň her birimiz üçin ýolgörkeziji şamçyragdyr. Watançylyk sapagy ýaşlary watansöýüji, zähmetsöýer, arassa ahlakly, milli ýörelgelere wepaly şahsyýetler edip ýetişdirmek üçin has-da jogapkärçilikli işlemäge borçlandyrdy.

Ýaş nesliň bagtyýar, abadan geljegi üçin ýadawsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, tutumly işleri rowaç bolsun!

**Güljemal GURBANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## ÝURDUMYZDA PAGTA ÝYGYMYNA GURAMAÇYLYKLY GIRIŞILDI

Hormatly Prezidentimiz 28-nji awgustda sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýurdumyzda 2-nji sentýabrda bugdaý ekişine, 9-njy sentýabrda pagta ýygymyna girişmek boýunça ak pata berdi. Hormatly Prezidentimiziň ak patasyndan göwünleri galkynan ýurdumyzyň edermen daýhanlary pagta ýygymyna girişdiler.

Pagtaçylyk daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek we ýurdumyzyň eksport kuwwatyny artdyrmak babatdaky milli maksatnamalary durmuşa geçirmäge saldamly goşant goşýan obasenagat toplumynyň esasy pudaklarynyň biridir. Ýurdumyzda oba hojalyk ulgamyna häzirki döwrüň sanly we innowasion tehnologiýalary giňden ornaşdyrylýar. Munuň netijesinde dokma senagatynyň esasy çig maly bolan ýokary hilli pagta süýümi öndürilýär.

Ýurdumyz boýunça jemi 580 müň gektar meýdana gowaça ekildi. Edermen babadaýhanlar şu ýyl 1 million 400 müň tonna ak pagtany ýygnamagy meýilleşdirýärler. Ýerlerde pagta daşaýan awtoulaglaryň bökdençsiz işlemegi üçin olara gije-gündiziň dowamynda hyzmatlar ýola goýlup, mehanizatorlaryň, sürüjileriň, pagta ýygyjylaryň ýokary öndürijilikli işlemegi, dynç almagy üçin ähli şertler döredildi. Pagta hasylyny ýygnamak üçin kabul ediş bölümlerinde, pagta arassalaýjy kärhanalarda taýýarlyk işleri geçirildi. Olarda ýerleşýän barlaghanalarda «Türkmenstandartlary» döwlet gullugynyň hünärmenleri gelip gowuşýan önümi hil barlagyndan geçirýärler.

Welaýatlaryň pagta kabul ediş bölümlerine, pagta arassalaýjy kärhanalara üsti «ak altyn» bilen doldurylan awtoulaglaryň, tirkegli traktorlaryň ilkinji kerwenleri geldi. Pagta ýygymy möwsüminiň başlanmagy mynasybetli geçirilen dabaralaryň çäklerinde oba hojalyk tehnikalarynyň, obasenagat pudagynyň gaýtadan işlenen harytlarynyň, dokma senagaty önümleriniň sergileri ýaýbaňlandyryldy. Aýdymçy-sazandalar, tans, folklor toparlary konsert maksatnamalary bilen



çykyş etdiler. Bereketli pagta hasylyny ýetişdiren önümçiligiň öňdebaryjylaryna – iň gowy pagtaçy kärendeçilere hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

**Gözel NURYÝEWA,**
*Kerki etrabyndaky 1-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## «GARAŞSYZLYGYŇ MERJEN DÄNELERI» BÄSLEŞIGINIŇ JEMLEÝJI TAPGYRY GEÇIRILDI

9-njy sentýabrda Ak bugdaý etrabynyň «Nowruz ýaýlasyndaky» «Türkmeniň ak öýi» binasynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygyna bagyşlanyp zehinli çagalaryň «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» atly aýdym-saz bäsleşiginiň jemleýji döwlet tapgyry geçirildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäklerinde geçirilýän zehinli çagalaryň festiwalynda ýaşajyk artistler joşgunly owazlary bilen ýurdumyzyň geçmişini, ajaýyp şu gününi, zähmetsöýer halkymyzy, gözel tebigatymyzy wasp etdiler. Şu gezekki konsertiň maksatnamasyna ýaşlaryň ukyp-başarnyklarynyň dürli ugurlary bilen bir hatarda, milli aýdym-saz medeniýetimiziň köpöwüşginliligini açyp görkezýän eserler girizildi.

Emin agzalary bäsleşige gatnaşyjylaryň iň zehinlilerini saýlap aldylar. Tomaşaçylaryň dowamly el çarpyşmalarynyň astynda çagalar aýdym-saz bäsleşiginiň ýeňijileri diýlip Aşgabat şäherindäki 99-njy orta mekdebiň 4-nji synp okuwçysy Nurgözel Berdiýewa, Arkadag şäherindäki iňlis dili dersine ýöriteleşdirilen 3-nji orta mekdebiň 8-nji synp okuwçysy Allanazar Annageldiýew, Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky 10-njy orta mekdebiň 8-nji synp okuwçysy Leýla Çaryýewa, Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabyndaky 26-njy orta mekdebiň 7-nji synp okuwçysy Sary Amanow, Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabyndaky 17-nji orta mekdebiň 7-nji synp okuwçysy Hudaýberdi Hojaberdiýew, Lebap welaýatynyň Dänew etrabyndaky 2-nji orta mekdebiň 5-nji synp okuwçysy Aýna Döwletýarowa we Mary welaýatynyň Oguzhan etrabyndaky 11-nji orta mekdebiň 5-nji synp okuwçysy Baýramdurdy Çaryýew dagy yglan edildi. Olara diplomlar hem-de döwlet Baştutanymyzyň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy. Bäsleşige gatnaşyjylaryň ählisi ýadygärlik sowgatlara mynasyp boldular. Uly sahnada çykyş etmek we ýeňiji bolmak çagalary geljekki döredijilik bäsleşiklerinde üstünliklere, arzyly maksatlaryna ýetmäge ruhlandyrýar.

«Garaşsyzlygyň merjen däneleri» bäsleşigi-



ne gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň adyna Ýüzlenme kabul edip, ýaş nesilleriň bagtyýar durmuşy baradaky ýadawsyz aladasy üçin çuňňur hoşallyklaryny beýan etdiler hem-de yhlasly okajakdyklaryna, döredijilik bilen yzygiderli meşgullanjakdyklaryna, zehinlerini artdyryp, Watanymyzyň geljegi üçin mynasyp nesiller bolup ýetişjekdiklerine ynandyrdylar.

## Üç tigirli ulag öndüriler

Awtoulag önümçiliginde dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň biri bolan «Hyundai» elektrik energiýasy bilen işleýän üç tigirli motor öndürer. Aziýa we Afrika ýurtlary üçin ni-



ýetlenen «E3W» atly ulag «TVS Motor» kompaniýasy bilen bilelikde işlenip taýýarlandy. Has rahat oturgyçlary bolan ulagyň ýerden beýikligini ýagdaýa görä üýtgedip bolýar. Ulagyň nusgalyk görnüşi geçen ýyl tanyşdyrylypdy. Dizaýny koreý brendi tarapyndan işlenip düzülen ulagyň üç tigirli platformasy Hindistanyň «TVS Motor» kompaniýasy tarapyndan taýýarlandy. Önümçilik Hindistanda amala aşyrylyp, batareýa, motor ýaly esasy bölekleri bu ýurtdaky zawodlardan alnar. Bu bolsa, bahasynyň amatly bolmagyna getirer. Ulagyň satuwa çykaryljak senesi mälim edilmedi.

«Hyundai E3W» atly üç tigirli ulag köp ilatly şäherlerde dar ýollardan geçmäge hem-de dürli tebigy şertlerde sürmäge amatly bolar. Köp ýurtda sürülýän adaty «tuk-tuklardan» has uzyn bolan motosiklde sürüjiniň oturýan ýeri hem giňeldilipdir.

Bir gezek zarýad bilen 90 kilometre çenli ýol geçip bilýän bu ulagyň ýük göterijiligi 540 kilograma ýetýär.

**Wepa BERDIMYRADOW,**
***Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.***

## Süýşýän ada tapyldy

Kanadanyň Britan Kolumbiýasy welaýatyndaky Williston kölünde täsin tebigy hadysa hasaba alyndy. Üsti tokaýlyk bolan adanyň ýerinden süýşendigi anyklandy. Alymlar bu hadysanyň suwuň derejesiniň ýokarlanmagy bilen baglydygyny belleýärler. Meýdany 1 gektara golaý bolan adanyň üstünde agaçlar we beýleki ösümlikler bar. Uzynlygy 140, ini 70 metre ýetýän adanyň suwuň ýüzünde süýşýändigi çaklanyldy. Ýewropanyň Kosmos agentliginiň «Sentinel-2» emeli hemrasy arkaly alnan suratlarda adanyň, hakykatdan hem, süýşendigi aýan boldy. «Science Alert» neşiriniň habaryna görä, şol ýeriň Roki Aweri atly ýaşaýjysy gaýykly gezip ýörkä üsti tokaýly adany surata düşüripdir we jemgyýetçilik torunda ýerleşdiripdir. Surata seredilende, ada äpet sala meňzeýär. Williston kölüne şol ýerde gidroelektrik bekedini dolandyrýan «BC Hydro» kompaniýasy gözegçilik edýär.

Kompaniýanyň spikeri Robert Gammer suraty ilki görende emeli aň bilen döredilendir öýdüpdir. «Sentinel-2» emeli hemrasynyň şu ýylyň 21-nji iýulynda düşüren suratynda kölüň ýüzünde ýa-



şyl reňkli kiçi zadyň bardygyny görmek bolýar. Ada şol wagt gidroelektrik bekediniň 100 kilometr günbatarynda ýerleşýärdi. Has ozal düşürilen suratlarda bolsa, ol ýerde hiç zat görünmeýär.

**Mähri BEGÇÄÝEWA,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.***

## «Apple» soňky önümlerini tanyşdyrdy

9-njy sentýabrda «Apple» «iPhone» smartfonlarynyň täze nusgalaryny tanyşdyrdy. «Surprise and Shine» atly çärede «iPhone 18 Pro», «Pro Max» bilen bir hatarda köp wagtdan bäri garaşylýan eplenýän smartfon hem bar. «iPhone Duo» atly eplenýän smartfon «Samsung» kompaniýasynyň «Galaxy Z Fold»-yna meňzeş bolup, açylan wagty ekrany «iPad mini» enjamyna meňzeýär. Şeýle hem kompaniýa «iOS 27», emeli aň tehnologiýasy bilen işleýän «Siri» assistentini tanyşdyrdy.

Kompaniýa eplenýän telefonlaryň peýda bolmagyndan 7 ýyl soňra ilkinji gezek şeýle telefony bilen tanyşdyrdy. «Samsung» 2019-njy ýylyň başynda ilkinji eplenýän telefony – «Samsung Galaxy Fold»-y çykarypdy. Şondan bäri hem «iPhone»-yň eplenýän telefon çykarjakdygy barada gürrüň edilýärdi. Eplenýän telefon 2 müň dollardan satuwa çykarylar.

**TÄZE REŇK GOŞULDY**

Seriýanyň esasy telefonlary bolan «iPhone 18 Pro» we «iPhone 18 Pro Max» smartfonlarynyň goýy gara, kümüşsöw, açyk gök we ilkinji gezek ulanylýan ülje (goýy gyzyl) reňkli görnüşi bar. Smartfonlaryň kameralary täze linzalar we ösen programma üpjünçiligi sebäpli has ýokary durulykda surata düşürmäge mümkinçilik berýär. Esasy kamera 48 megapiksel durulygynda bolup, pes ýagtylykda hem ýokary durulykda surata düşürmäge mümkinçilik



berýär. «A20 Pro» çipi oturdylandygy sebäpli telefonlaryň batareýasy hem uzak wagtlap zarýad saklaýar. «iPhone 18 Pro» 36 sagada, «Pro Max» bolsa, 45 sagada çenli wideo görmäge mümkinçilik berýär.

Ýene bir täzelik bolsa, bu ýyl adaty «iPhone 18» modeli tanyşdyrylmady. Bu modeliň geljek ýylyň başynda satuwa çykarylmagyna garaşylýar.

Çärede «Apple Watch Series 12», «Apple Watch Ultra 4» we «AirPods 5» hem köpçülige görkezildi.

Mundan ozal kompaniýa 15 ýyllap ýolbaşçylyk eden Tim Kuk şu aýyň başynda öz wezipesini Jon Ternusa tabşyrypdy. Bu çäre Ternusyň ýolbaşçylygynda geçirilen ilkinji tanyşdyrylyş dabarasy boldy.

**Läle ANNAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uly mugallymy.*

## Täze planetalaryň üsti açylar

ABŞ-nyň Awiakosmos edarasy (NASA) kosmosyň gurluşyny we Gün ulgamynyň daşyndaky planetalary öwrenmek maksady bilen işlenip taýýarlanan has kämil «Nancy Grace Roman» atly kosmos teleskopyny uçurdy. Floridadaky Kennedi kosmodromyndan «SpaceX» kompaniýasynyň «Falcon Heavy» raketasy bilen uçurylan teleskop 3 aýdan soňra 1,6 million kilometr uzaklykdaky or-



bitasyna baryp ýeter. Teleskopyň «görýän» çäginiň «Hubble» we Jeýms Webb teleskoplaryndan 100 esse giňdigi bellenildi. Missiýanyň çäklerinde Gün ulgamynyň daşyndaky planetalaryň we beýleki asman jisimleriniň kartasynyň çykarylmagy maksat edinilýär. Bu bolsa, müňlerçe täze planetanyň açylmagyna mümkinçilik berer.

NASA-nyň ylym müdirliginiň ýolbaşçysy Niki Foks metbugat ýygnagynda bu teleskop arkaly 100 müňe golaý planetanyň üstüni açmagy meýilleşdirýändiklerini we «Biz kosmosda ýekemi?» diýen sowala jogap gözlenjekdigini belledi. Şeýle hem planetalaryň atmosferasynyň öwrenilip, ýaşamaga amatlydygy ýa-da däldigi anyklanar.

«Roman» ilkinji suratlaryny geljek ýyl ugradyp başlar. Teleskop her gün 1,4 terabaýt möçberinde maglumat ugradar. Bu maglumatlaryň seljerilmeginde emeli aň tehnologiýasyndan we meýletinçi alymlaryň goldawyndan peýdalanylar.

Teleskopa NASA-nyň ilkinji baş astronawty, ilkinji zenan astronawtlaryň biri bolan Nensi Greýs Romanyň ady berildi. Roman «Hubble» teleskopynyň işlenip düzülmegine hem gatnaşypdy.

**Tyllagözel BABAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 11-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119443
Belgisi: 37/1707
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

**Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi:** 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# AHALTEKE BEDEWINIŇ ŞÖHRATY DÜNÝÄ DOLÝAR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Bu halkara çäre täsin we ýatda galyjy çäreleriň toplumy hökmünde Watanymyzyň müňýyllyklara uzaýan şöhratly geçmişini, atşynaslyk boýunça ýeten ýokary derejesini Ýewropada tanatdy. Ady rowaýata öwrülen behişdi bedewleriň halklaryň arasynda parahatçylygyň we dostlugyň ilçileri hökmünde eýeleýän orny has-da pugtalandyrmaga itergi berdi.

Gahryman Arkadagymyzyň ahalteke bedewleriniň şan-şöhradyny we abraýyny tutuş dünýäde belende galdyrmak boýunça başlangyçlary häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilen ýylda Gahryman Arkadagymyzyň behişdi bedewlerimize bagyşlanan «Atda wepa da bar, sapa-da» atly ajaýyp kitabynyň niderland dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasynyň Niderlandlar Patyşalygynda geçirilmegi munuň aýdyň mysalydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlary bilen, pederlerimiziň atşynaslyk sungatyny ösdürmek we dünýäde giňden wagyz etmek ýörelgeleri döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Bu asylly başlangyç häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýär. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramynyň giňden bellenilýän ýylynda Niderlandlar Patyşalygynda ýaýbaňlandyrylýan giň gerimli çäreler munuň nobatdaky güwäsidir.

Gahryman Arkadagymyzyň Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň açyk mejlisinde eden çykyşynda öňe süren halkara başlangyçlary ahalteke bedewleriniň





dünýädäki abraýyny has-da belende galdyrar. Gahryman Arkadagymyz ahalteke bedewleriniň gelejekki ykbalynyň geçmişden has şöhratly bolmagyny gazanmagyň hemmeleriň umumy borjy bolup durýandygyna ynam bildirip, häzirki döwürde munuň üçin ähli mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy. Milli Liderimiziň ahalteke atlarynyň Olimpiýa ýaryşlaryna gatnaşmagy, ahalteke bedewlerinde Beýik Ýüpek ýolunyň taryhy ugry boýunça atly syýahatyň guralmagy, ahalteke bedewiniň bitewi genetik bankyny hem-de ahalteke atlarynyň Halkara gaznasyny döretmek baradaky başlangyçlary dünýä jemgyýetçiliginde uly seslenme döretdi.

Şeýle hem Gahryman Arkadagymyzyň Ýewropa ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň «Atçylygy ösdürmäge goşan uly goşandy üçin» atly abraýly baýraga mynasyp bolmagy, türkmen halkyna, dünýä meşhur ahalteke atlarynyň mekany bolan Türkmenistana goýulýan hormatyň we minnetdarlygyň nyşany bolup durýar.

Türkmen halkynyň göz-guwanjy bolan bedewlere gadyr goýýan Gahryman Arkadagymyzyň ahalteke atlarynyň şan-şöhradyny mundan beýläk-de dünýä ýaýmakda alyp barýan asylly başlangyçlarynyň häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen üstünlikli durmuşa geçirilýändigine buýsanjymyzyň çägi ýokdur.

**Amangül JUMADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# HALKARA ENERGIÝA HOWPSUZLYGY – PARAHATÇYLYGYŇ WE ÖSÜŞIŇ BINÝADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýurdumyzda gazylyp alynýan tebigy baýlyklaryň üsti ýzygiderli açylýar. Çig mal serişdelerini gaýtadan işleýän senagat pudaklary döwrebaplaşdyrylýar. Şeýle hem energetika howpsuzlygy baradaky alnyp barylýan işler dünýäde parahatçylykly hökümi sürmeginiň esasy düzýär. Häzirki wagtda energiýa howpsuzlygyna degişli meseleler halkara gatnaşyklarynda örän möhüm ähmiýete eýe bolup, diňe bir milli we dünýä derejesinde durmuş-ykdysady ösüşiň depginlerini däl, eýsem, adamzadyň gelejekki ýaşaýşyny hem kesgitleýär. Energiýa howpsuzlygyna degişli meseleler, ilkinji nobatda, global häsiýete eýedir. Türkmenistan dünýäniň energiýa serişdelerini öňdebaryjy öndüriji we üpjün ediji ýurtlaryň biri bolup durýar. Bu bolsa, energiýa çäginde halkara hyzmatdaşlygynyň diwersifikasiýasy üçin ygtybarly esasdyr.

Energiýa howpsuzlygynyň ylmy-nazary esaslary üçin, energiýa howpsuzlygy bilen bagly halkara gatnaşyklary babatda bar bolan ylmy tejribe işleriniň netijelerini öwrenmek zerur bolup durýar. Jemgyýetiň we döwletiň durmuşynda energetika pudagynyň kesgitleýji orna eýe bolýandygy sebäpli, dünýäniň köp döwletleri öz energetika kuwwatlyklaryny netijeli ulanmak we energetika howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, bu gurşawda alnyp barylýan işleriň strategiýasyny we maksatnamasyny işläp düzmäge uly üns berýärler. Dünýäde ykdysady we syýasy durnuklylyk, adamzadyň abadançylygy, ekologiýanyň ýagdaýy belli bir derejede dünýä energetikasynyň ösüşine bagly bolýar.

Gahryman Arkadagymyz: «Türkmenistan energetika ulgamynyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Elbetde, biziň ýurdumyzyň tebigy gazyň ýüze çykarylan gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýändigini nazara alsaň, munuň özi kanunalaýyk ýagdaýdyr. Biz ýangyç serişdeleri köp möçberde öndürýän we daşary ýurtlara iberýän döwlet hökmünde ýurdumyzyň üstüne düşýän jogapkärçiligi örän berk duýýarys». Ägirt uly nebit we gaz gorlary döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy çeşmeleriniň biri bolup, Türkmenistanyň halkara energetika strategiýasynyň esasy maksady durnukly we uzakmöhletleýin esaslarda türkmen energiýa çig malyny gaýtadan işlemek hem-de turbageçirijileriň köpugurly ulgamyny ösdürmek arkaly dünýä bazarlaryna çykarmakdan ybaratdyr. Ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk derejesi energetika ulgamynda parahatçylykly syýasy-diplomatik ýörelgeler esasynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge mümkinçilik berýär, döwletimiziň daşary syýasy strategiýasynda «Ösüş arkaly parahatçylyk» diýlip atlandyrylan syýasy ýol-ýörelgäniň öňe sürülmegi BMG-niň howandarlygynda sebitara energetika dialogynyň, ýagny hyzmatdaşlygyň hemmeler üçin açyk görnüşiniň ýola goýulmagyna esas döredýär, ýangyç-energetika serişdeleriniň ägirt uly ätiýaçlyk gorlary olaryň daşary ýurt sarp edijilerine dürli ugurlar boýunça iberilmegini şertlendirýär. Netijede, olary öndürýän, üstaşyr geçirýän we sarp edýän ýurtlaryň arasynda özara bähbitli we deňhukukly gatnaşyklaryň gazanylmagyna, howpsuz üstaşyr tarapdarlarynyň sanynyň artmagyna ýardam berýär.





Ýurdumyz energetika howpsuzlygy meselesi boýunça halkara başlangyçlary durmuşa geçirmekden ugur alyp, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 62-nji, 64-nji, 65-nji, 66-njy sessiýalarynda eden çykyşlarynda öňe süren garaýyşlary energiýa howpsuzlygynyň ähmiýetini, energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmeginiň howpsuz ýagdaýda amala aşyrylmagynyň halkara-hukuk esaslaryny öwrenmekde esasy görkeziji bolup hyzmat edýär. Oňa laýyklykda, energiýa üpjünçilik ulgamynda halkara-hukuk esasyny döretmäge işjeň gatnaşýan BMG-ä agza döwletleriň tagallalaryny birleşdirmek ugrunda iş alyp barjak Sebitara energiýa dialogyny döretmek hakynda teklip edildi. Energiýa howpsuzlygyny öwrenmekde türkmen hem-de daşary ýurtly alymlaryň ylmy işleri, deňhukukly we mana eýedir we olary özleşdirmek möhüm şertleriň biri bolup durýar.

**Bekgi ARSLANOW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gulluk akademiýasynyň magistri, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi, ýaş alym.*

# GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 35 ÝYLYNDA ÝURDUMYZYŇ ÖSÜŞI

Ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllyk baýramçylygy taryha altyn harplar bilen ýazylýan beýik ösüşleriň, gazanylan uly üstünlikleriň we döredijilikli zähmetiň aýdyň nyşanyna öwrülýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda ägirt uly özgertmeler amala aşyrylýar. Bu şanly sene halkymyzyň agzybirlik, parahatçylyk we döredijilik ýoly bilen gazanan ýeňişleriniň dabaralanmasydyr.

Garaşsyzlyk döwründe ýurdumyz uly ösüşlere beslendi. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesiniň ykrar edilmegi we halkara başlangyçlaryň giňden goldanylmagy ýurdumyzyň parahatçylyk söýüji daşary syýasatynyň miweleridir. Daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary bilen ýola goýlan deňhukukly, özara bähbitli gatnaşyklar Türkmenistan döwletimiziň abraýyny has-da belende galdyrdy.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda alnyp barylýan giň göwrümli gurluşyklar, täze şäherçeler, hassahanalar, şypahanalar, sagaldyş merkezleri, mekdepler we medeniýet öýleri, Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň, şeýle hem mekdepleriň we çaglar baglarynyň



açylyp ulanylmaga berilmegi ata Watanymyzyň kuwwatynyň barha artýandygyny aýdyň görkezýär. Häzirki wagtda Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygynyň üstünlikli dowam etdirilmegi we ýurdumyzyň sebitleriniň ösdürilmegi Garaşsyzlygymyzyň hakyky miwesidir. Ýurdumyzda dürli pudaklarda sanly ulgama geçmek, ylym we bilim ulgamlaryny kämilleşdirmek, ýaş nesil hakyndaky alada döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolup durýar. Mundan başga-da, ýaşlarymyz ylymda, sportda, medeniýetde we döredijilikde täze sepgitlere ýetip, ata Watanymyzyň abraýyny has-da belende göterýärler. Halkara derejesindäki sport ýaryşlarynda gazanylýan ýeňişler, ylmy bäsleşiklerde öňe sürülýän taslamalar ýurdumyzyň geljeginiň ygtybarly gollardadygyny tassyklaýar.

Şanly Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramçylygynyň öňüsyrasynda her bir watandaşymyzyň ýüregi buýsanç duýgusyna beslenýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň töwereginde jebisleşen agzybir halkymyzyň yhlasy bilen Garaşsyz Watanymyz mundan beýläk-de rowaçlyklara beslener.

Goý, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik, il-ýurt bähbitli, adamzat ähmiýetli tutýan tutumly işleri elmydama rowaç bolsun.

**Baýram AMANOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň mugallymy, leýtenant.*

# ÝOL HEREKETINIŇ DÜZGÜNLERINI BERJAÝ EDELIŇ!

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda raýatlarymyzyň jan saglygyny goramak, berkitmek, aýamak bilen bir hatarda ynsan saglygyna zyýan ýetirip bilýän hadysalaryň öňüni almak, ynsan saglygynyň howpsuzlygyna gönükdirilen çäreler yzygiderli geçirilýär. Şolaryň biri-de her ýylyň sentýabr aýynda geçirilýän «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly köpçülikleýin çäredir.

Gün-günden pajarlap ösýän ýurdumyzda ähli ugurlardaky ösüşler, özgertmeler bilen bir hatarda awtoulaglaryň sany gün-günden artýar. Netijede, ýol-ulag hadysalarynyň köpelmek ähtimallygy hem ýokarlanýar. Käte sürüjiniň ýa-da pyýadanyň ýol hereketiniň düzgünini bozmagy sebäpli, duýdansyz ýagdaýda betbagtçylykly ýagdaýlar döräp bilýär. Şeýle ýagdaýda saglygyna zyýan ýetýän adamlara lukmançylyk kömegini bada-bat bermegi başarmaly. Şonuň üçin ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça zerur çäreler işlenip taýýarlanýar, ýerlerde, edara-kärhanalarda maşgala agzalaryna degişli, hatda her bir raýatyň aňyna ýeter ýaly derejede habar beriş serişdeleriniň üsti bilen giňişleýin wagyz-nesihat işleri, düşündirişler, gürrüňdeşlikler, söhbetdeşlikler geçirilýär. Şeýle çäreleriň netijesinde hem ýol hereketiniň howpsuzlygy babatda oňat netijeler gazanylýar.

Ýol-ulag hadysalary zerarly şikes alan adama ilkinji kömek bermegiň dürli usullary bar. Haýal etmän şikes ýetene ýerinde ilkinji lukmançylyk kömegini bermeli. Hassahana



barýança ejir çekene lukmançylyk kömegini ýolda, ulagda bermeli. Şeýle-de şikes alana hassahana şertlerinde kömek bermeli.

Aslynda, her bir adam ýol hereketiniň düzgünlerini doly we dogry berjaý etmeli. Ýolda bolýan nädogry hereketleriň, düzgünleriň, kadalaryň bozulmagy sebäpli, gynansak-da, şikes alýan adamlar duş gelýär. Şeýle ýagdaýda haýal etmän «Tiz kömek» gullugyny çagyrmaly. Ýol-ulag hadysasyna sezewar bolup, şikes ýetene golaýyndaky adamlar ilkinji kömegi bermelidirler. Şonda adamyň howply, agyr ýagdaýa düşmezliginiň, ejir çekeniň ýagdaýynyň erbetleşmeginiň öňi alynýar, çalt sagalmagyna ýardam bolýar.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty hem-de Türkmenistanyň Içeri işler ministrlikleriniň bilelikdäki kabul eden resminamalaryna laýyklykda, Döwlet ýol gözegçiligi gullugynyň işgärleriniň, sürüjileriň şikes alana hökmany suratda ilkinji kömegi bermegiň ugurlaryny, esaslaryny bilmegi zerurdyr. Ýol-ulag hadysalary sebäpli şikes alanlara ilkinji kömegi bermek üçin her bir awtoulagda ýörite derman we sargy derman gutujygy bolmalydyr.

Eziz ildeşler! Durmuşda her hili ýagdaýda-da saglygymyzy goramak, aýamak örän möhümdir. Ýol-ulag hadysalaryndan ägä bolmak, gymmatly baýlygymyz bolan saglygymyzy goramak biziň özümize baglydyr.

Ýoluňyz ak, janyňyz sag bolsun!

**Sona ILMUHAMMEDOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 4-nji Saglyk öýüniň şepagat uýasy.*

## EDEBIÝAT

*Waleriýa Peruanskaýa ynsan ykbalynyň inçe taraplaryny, öý-ojagyň ýylysyny we gündelik durmuşyň gözelligini wasp eden psihologik prozanyň zehinli wekilidir.*

Gapynyň jaňy uzak hem gaty jyňňyrdady. Mişa kimleriň gelendigini derrew aňdy-da uly şatlyk bilen:

– Ata jan! Ene jan! – diýip gygyryp, ylgap eýwana çykdy. Ýöne näçe ýokaryk bökse-de gapynyň zynjyryna eli ýetmedi. Onýança kakasy gelip gapyny açdy. Öýüň içi şatlyk-şagalaňdan doldy.

Mişanyň maşgalasy täze öýe göçüp geleli bäri, atasy bilen enesi olaryň öýüne myhman bolýardylar. Ýol uzak, awtobusda bir sagada golaý ýol sökmeli, hemmesi hem işli. Şonuň üçin hem Mişa atasydyr enesini öňküler ýaly her gün görüp bilenokdy. Garrylar käte adaty iş günlerinde agşamlaryna gelýärdiler. Şonda ol Mişa üçin edil ýekşenbä – dynç gününe öwrüläýýärdi: öýüň içi gülki-şagalaňdan dolup, saçakda dürli-dümen näzi-nygmatlar peýda bolýardy.

Ine, häzir hem ulular gadyrly görüşýärdiler, birek-biregi gujaklaýardylar. Mişany ele alyp, haýran galmak bilen: «Tüweleme, bu-ýa goçak ýigit bolupdyr! Dümewinden hem aýňalypdyr, ädigine dagy serediň, täzeje!» diýişýärdiler. Gapydan girilen ýerde bolsa içi doly alaja reňkli torba durdy. Mişa olaryň içinde özüne niýetlenip getirilen oýnawajyň, süýjiniň, hatda kökäniň bardygyny hem gowy bilýärdi. Ýöne torba üns berip durmady, onuň üçin esasy zat atasy bilen enesiniň öýlerine gelmegidi. Sebäbi olar bilen bile wagt geçirmek hezildi. Kakasy öýdäki ähli çyralary ýakyp, içerini gündiz ýaly ýagtyldýardy. Atasy Mişa bilen dürli oýunlary oýnardy. Kakasy bolsa mydam işli bolansoň, Mişa bilen oýun oýnamaga eli degenokdy.

Bu gün Mişa gijräk uklar... Öýde myhman barka ol nädip ir ýatsyn?!

Enesi öýe girip-girmänkä:

– Bu döwrebap täze gurlan jaýlar nähili ykjam, nähili arassa?! Gözüňi dokundyryp dur – diýdi. Soň bolsa torbasyndan karton gutujyklardyr kagyza dolanan zatlary, oýunjaklary çykarmaga başlady. Atasy bolsa Mişany ýokary galdyraga-da dyzynyň üstünde oturtdy, beýleki dyzyna bolsa karton gutyny goýdy:

– Hany, bil, munuň içinde näme bar?

– Kaka, muny haçana çenli beýdip läliksiretjek? – diýip, Mişanyň kakasy öýkeli ýaly sorady.

– Öňdenem oýunjaklary kän, nirä goýjagyny bilenok.

Oňa Mişanyň ejesi hem goşuldy:

– Ýöne ýere pul sowmak nämä gerek!

Ýöne atasyndan öň garry enesi:

– Munuň biz üçin aýratyn lezzeti bar – diýip jogap berdi. Mişanyň kakasy:

– Hawa-la, siziň üçin lezzeti bardyr. Ýöne siz muny läliksiredip, soňundanam bize taşlap gidýärsiňiz. Bu-da başymyza oýun salar. Ol hakda oýlanaňyzogam – diýip, kineliräk gepledi. Atasy:

– Serýoža, büräni düýä öwüräýdiň-aý senem – diýdi-de, Mişa tarap eglip:

– Hany, bildiňmi? – diýip sorady.

– Ýük krany.

– Bilmediň.

– Ýangyn söndüriji maşyn.

– Ol hem däl.

Mişanyň atasynyň keýpi kökdi. Indi kakasy bilen ejesi garrylar bilen jedeli goýdular-da, «Hakykatdanam, gutynyň içinde näme barka? Mişa nämedigini bilermikä?» diýip, gyzyklanyp ugradylar.

– Buratino.

– Ýok, olam däl.

– Görkezäý-dä, ata!

Atasy karton gutynyň gapagyny açdy. Mişa eglip gutynyň içine göz aýlady-da:

– Hyzlawuk – diýdi. Yzyndanam: – Maňa Wera daýzam edil şunuň ýaly hyzlawuk sowgat beripdi – diýdi.

– Wah-eý, bolmandyr-a. Men bolsa sende ýok zady getiräýändirin öýdüpdim.

– Onuň göwnüne ýaranaýmak siziň eliňizden gelmez – diýip, kakasy gürrüňe goşuldy. Atasy:

– Dogry, sen mamla ýaly. Bolýar-da, Mişa jan, zeleli ýok. Öýkeleme. Häzir ikimiz bäsleşeris. Hany, sen Wera daýzaň sowgat beren hyzlawugyny äkel. Göreli, kimiň hyzlawugy kän aýlanarka! – diýdi.

Mişa ylgap oýunjaklarynyň duran ýerine bardy. Ol ýerdäki dürli markaly ululy-kiçili awtomobilleriň, gurluşyk oýnawaçlarynyň, topjagazlaryň, ýumşak aýyjyklaryň arasyndan hyzlawugyny aldy-da, atasyna:

– Ata, geliň, ýaryşaly! – diýdi.

Gaýyndyr gelin aşhana girip biş-düş bilen boldular. Mişa bilen atasy bolsa çöke düşüp, hyzlawuklary pyrlamaga başladylar. Olar uzak wagtlap towlandylar. Mişa öz hyzlawugynyň köp aýlanmagyny isläp, umytly nazary bilen oňa seredip otyrdy. Onuň garaşyşy ýaly hem boldy.

– Men ýeňdim! Men ýeňdim! – diýip, oglanjyk begenjinden ýaňa sesine bat berip gygyrýardy.

– Geliň, ýene oýnaýalyň!

– Bolýar, oglum!

Mişanyň ejesidir garry enesi saçak taýýarladylar. Enesi ikibaka geçende her gezek Mişany ogşaýardy. Ol bolsa:

– Maňa päsgel bermäýiň! – diýip bar ünsüni oýna berdi.

Maşgala bolup saçagyň daşyna üýşüp agşamlyk edinmäge başladylar. Saçakda süýji-köke, hatda tort hem bardy. Mişanyň tabagyna şokoladly gülli tortdan bir bölek kesip goýdular.

Şol wagt gapynyň jaňy jyňňyrdady. Öý bikesi «Kim geldikä?» diýip gapa ýöneldi.

Eýwanda pyşyrdy eşidildi, soňam gapy ýapyldy. Öý bikesi aşaky gatda ýaşaýan Kostýany hem ýany bilen getirdi. Kostýa Mişadan bir ýaş kiçidi. Onuň altyn reňkli saçy lowurdap durdy, ýaňaklary gyrmyzy hem tommujak – edil Mişanyň atasynyň geçen ýyl getiren nary ýalydy. Mişanyň ejesi:

– Öýümize ýene bir myhman geldi. Tanyş boluň, Kostýa – diýip, garrylary tanyşdyrdy: – Ejesiniň gitmeli ýeri bar eken, gelýänçä göz-gulak bolmagy haýyş etdi.

Mişanyň atasy gapdalyndaky oturgyjy Kostýa tarap süýşüräge-de:

– Salam, Kostýa! Hany gel, dostum! Biziň bilen bile çaý içermiň? – diýip, oňa ýüzlendi.

Kostýa saçaga göz aýlady-da:

– Içerin – diýdi.

– Tüweleme. Berekella.

Kiçijik myhmana çaý bilen şokoladly gülli tort berdiler. Ejesi torty böleklere bölüşdirip, Kostýanyň agzyna tutup iýdirmäge başlady. Mişanyň gabanjaňlygy tutup:




– Näme üçin onuň agzyna tutup berýärsiňiz? Ol nä, kiçijik çagamy? – diýdi.

– Kiçijik-dä, elbetde. Ol senden hem kiçi ahyryn – diýip, ejesi mylaýymlyk bilen jogap berdi.

Kostýa edil dodaklary käsä ýapyşyp galan ýaly edip uzak wagtlap çaý içdi.

– Ýör, indi hyzlawuklary pyrlap oýnaly. Seniň hyzlawugyň barmy? – diýip, Mişa oturgyçda oturan Kostýanyň ýanyna gelip, oýunjagyny pyrlady.

– Ýok.

Kostýanyň özi oturgyçdan düşüp bilmedi. Mişanyň kakasy onuň goltugyndan göterip ýokara – petige çenli zyňyp gapdy. Kostýa muňa diýseň begenip, jykyr-jykyr güldi.

– Kostýa, sen näme üçin beýle saryja – diýip, ony ýene ýokaryk zyňyp, ýene gapyp aldy. Bu ýagdaý Kostýany diýseň şatlandyrdy. Oglanjyklar hezil edip gülüşdiler.

– Kostýanyň ejesi örän mylakatly, zähmetkeş zenan, öýüniň içini-daşyny gül pürkülen ýaly edip saklaýar... – diýip, Mişanyň ejesi garrylara gürrüň berdi.

Oglanjyklar hyzlawugy pyrlap oýnadylar. Her gezek Mişa garşydaşyndan rüstem gelýärdi. Çünki ol ulurakdy hem Kostýa görä biraz ekabyrrakdy. Ýöne hernäçe utulsa-da, Kostýa asla gaharlanmadam. Onuň pespälligi özüni alyp barşyndanam bellidi. Birdenkä ol sen-men ýok, ylgap bardy-da Mişanyň ejesiniň gulagyna nämedir bir zat çawuş çakdy. Mişanyň ejesi ony aýdan ýerine äkitdi we ol işini bitirýänçä gapynyň agzynda durdy.

Şol wagt atasy Mişa:

– Mişa jan, sen hyzlawuklaryň birini Kostýa sowgat etseň gowy bolardy. Saňa olaryň birem bolýar-a! – diýdi.

Mişa muny eşitse-de eşitmediksirän boldy.

– Mişa jan, ataň sözüni eşitdiňmi, oglum? – diýip enesi ondan sorady.

– Näme? – diýip, Mişa göwünli-göwünsiz sorady.

– Kostýa hyzlawugyň birini sowgat berseň diýýän.

– Siz muny özüňiz maňa sowgat berdiňiz-ä. Nädip sowgat berlen zady başga birine sowgat bereýin? Onsoňam nädip soň atam bilen ýaryşyp oýnarys?

– Gaty gysganç bolup ösüp barýar-da, bilemok, bu häsiýeti kime çekipdir. Biz-ä muňa gysgançlygy öwredemzok. Ýogsam... – diýip, Mişanyň ejesi sözüni tamamlaman goýdy.

– Ýogsamyň näme? Çaga hemme zat maňa, hemme zat meniňki diýmegi endik edipdir. Husyt – diýip, kakasy gaharly jogap berdi.

«Husyt» sözüniň manysyna düşünmese-de Mişa kakasynyň äheňinden onuň erbet sözdügini bildi.

– Men husyt däl – diýip, öýkeli jogap berdi-de, töwerege nazar aýlady. Görse, ulularyň ählisi ýüzlerini sallaşyp otyr. Ahyry Mişanyň atasy dymyşlygy bozdy:

– Agtyjagym, gysgançlyk adama gelişýän häsiýet däl.

«Hiç düşünip bilemok, men nähili ýalňyş iş etdimkäm? Hyzlawugy özleri sowgat berdiler, ýene özleri yzyna gaýtaryp aljak bolýarlar» diýip, Mişa içini gepletdi.

Bolan gürrüňlerden habarsyz Kostýa Mişanyň ýanyna geldi-de:

– Ýene oýnarysmy? – diýdi.

– Ýok, özüň oýnaber – diýip, Mişa nägilelik bilen jogap gaýtardy.

Kakasy:

– Mişa, gaharymy getirmesene! – diýip hüňürdedi.

Ulular gürrüňlerini dowam etdirdiler. Mişa çal reňkli «Wolgasyny» sürýärdi. Kostýa bolsa oňa ünsem bermän hyzlawugy pyrlaýardy. Haçan-da hyzlawuk ýykylanda hezil edip gülýärdi. Kostýanyň bu bolşuny ulular mähir hem söýgi bilen synlap otyrdylar. Mişa bolsa barmysyň diýýänem ýokdy. Olaryň bu bolşundan Mişa öňküdenem beter öýkeledi. Şol wagt Mişanyň ejesi Kostýany ýanyna çagyrdy:

– Hany, bäri gel, saňa bir zat berjek.

Kostýa derrew ylgap geldi. Mişanyň ejesi oňa birem däl, iki sany kemput berdi.

– Sag boluň!

– Senem sag bol!

Emma Mişanyň ejesi bilgeşleýin ogluna tarap seretmedem.

Kostýa Mişanyň ýanyna bardy-da, kemputlaryň birini oňa uzatdy:

– Al, Mişa!

– Gerek däl! Islese, ejemiň özi hem berip bilerdi!

– Ýok, al, ejeň saňa berenog-a – diýip, Kostýa päk ýüreklilik bilen düşündirmäge başlady.

Onuň bu bolşuny synlap oturan ulularyň bary gülüp goýberdi. Mişa bolsa öýkesini goýanokdy. Bu gün ýekşenbä meňzemedi. Ol ýene Kostýa bilen hyzlawuk oýnamaga başlady. Ýöne näme üçindir, oýun öňküsi ýaly gyzykly däldi.

Kostýanyň hyzlawugy ýykyldy. Mişa gaharly:

– Aýlamagam başaraňok – diýdi-de, oýunjagy alyp, atasynyň ýanyna ylgady. – Ýörüň, ata, ikimiz bile oýnaly!

Mişa öz ýanyndan «Kostýa meniň atamyň bardygyny hem bilsin» diýip muny bilgeşleýin etdi. Ol atasynyň dyzyna münmekçi boldy, ýöne dyzlar göýä öňküsinden beýgelen ýaly teý-ahyr oňa çykyp bilmedi. Şol wagt ol atasynyň gollary bilen özüni çalaja itip durandygyny duýdy.

– Mişa, gynansak-da, bu gün seniň bilen hyzlawuk oýnap biljek däl.

Atasy bu gezek hemişe bolşy ýaly söýgüläp «Mişa, Mişa jan, köşegim» hem diýmän, ýöne «Mişa» diýmek bilen oňdy. Bu söz Mişanyň tutuş göwresine buz ýöreden ýaly täsir etdi. Ol atasynyň ýüzüne seredenden, birhili sussy basyldy, gorkdy, atasy düýbünden nätanyş adama meňzedi. Ýöne ol ýene Kostýa göz üçin atasyna ýapyşyp aglamjyramaga başlady:

– Ata, ýörüň, bile oýnaýalyň!

– Ýok, oglum, men gysganclar bilen iş salşamok. Nädip sen bilen oýnaýyn?!

– Men gysganç däl-ä! Ony özüňiz sowgat etdiniz ahyryn!

Olaryň gürrüňine Mişanyň kakasy goşuldy:

– Boldy, boldy, bes et indi aglamaňy. Bar, oýunjaklaryň ýanyna!

Kakasy bilen söz alşyp durmagyň netijesizdigine göz ýetiren Mişa diýleni etmek bilen boldy.

Şol wagt hem Kostýanyň ejesi gapydan girdi. Ol gele-gelmäne:

– Oglum, akyllyja bolup oturdyňmy? – diýip sorady.

– Tort iýdim, kemput iýdim, hyzlawuk hem oýnadym! – diýip Kostýa jogap berdi.

– Baý-bow, bular seni läliksiredip bilipdirler-ä. Ýör, indi öýe gaýdaly. Hany, sag bol diýjek dälmi?

Kostýa: – Sag boluň! – diýdi.

Mişa öýüň bir burçunda durdy. Häzir oňa göýä öýden nämedir bir möhüm zat hem Kostýa bilen bile gidýän ýaly duýuldy. Ýöne nämedigini Mişanyň özi hem bilip bilmedi. Şonda-da ol näme üçindir Kostýanyň öýden gitmegini islemedi. Ýok, her näme-de bolsa Kostýa gitjek bolýar. Hemmeler olary ugratmak üçin dälize çykdy, diňe Mişanyň özi bir çetde sopbaş galdy. Ol «Häzir Kostik gider, men bolsa atam bilen oýnaryn» diýip oýlandy-da, oýunjaklaryna göz aýlady. Ýöne näme üçindir olara seretmek, aýratyn-da Kostýanyň oýnan hyzlawugyna seretmek onda ýakymsyz duýgy döretdi. Mişa birdenkä gygyryp:

– Kostýa, dur, gitmesene – diýdi.

Ol hälki hyzlawugy eline alaga-da – Kostýa, Kostýa, me, alsana şuny! – diýip, dälize baka ylgady. Häzir Mişa oýunjagyny asla gysgananokdy, muňa özi hem haýran galýardy.

– Bu näme? – diýip, Kostýanyň ejesi sorady.

Mişa düşündirmäge başlady:

– Bu Kostýa üçin. Mende ikisi bar. Maňa biri hem ýetik. Kostýa, gerekmi?

– Hawa, gerek.

Ejesi oňa düzediş berdi:

– «Sag bol» diý ahyry!

– Sag bol!

Hemmeler gülüşdi. Mişa hem güldi. Atasy bolsa ony goltugyndan tutaga-da ýokaryk galdyrdy. Bu gün ýene ýekşenbe günündäki ýaly şatlykly boldy.

Rus dilinden terjime eden
**Jemşit DURDYÝEW,**
*Dänew etrabyndaky 32-nji orta mekdebiň mugallymy.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Gadymy agaç görkezildi.** Çiliniň milli seýilgähindäki «Uly ata» ady dakylan gadymy patagoniýa kiparisi barada wideoýazgylar görkezildi.



Boýy 28 metrden, diametri 4 metrden gowrak bolan bu äpet agajyň ýaşy 5 müň ýyldan geçýär. Öňki asyrlarda köpçülikleýin çapylandygy sebäpli bu görnüş Ýer ýüzünde örän seýrek duş gelýär. Berk gorag astynda saklanýan bu tebigy ýadygärlik alymlara howa üýtgeşmelerini öwrenmäge ýardam edýär.

**Ýarganatlaryň uzak ömrüniň syry.** Ýarganatlaryň genleri kesellere garşy täze bejergileri tapmaga ýol açýar. «Nature» žurnalynda



çap edilen barlaga görä, ýarganatlar zeperlenen öýjükleri ýok edip, rak keselleriniň öňüni alýarlar. Olar wiruslara garşy dözümlilik strategiýasy arkaly sowuklama ýol bermän we kesellemän ýaşaýarlar. Bu täsin aýratynlyk adamlarda garrylyk döwründe hem immun ulgamyny güýçli saklamaga mümkinçilik döreder.

**Bütindünýä senetçilik şäheri.** Özbegistanyň Şahrisabz şäheri keşdeçilik ugry boýunça «Bütindünýä senetçilik şäherleri» toruna resmi taýdan goşuldy.



IROQI halkara festiwalynyň jemleýji dabarasynda gowşurylan bu ýokary dereje gadymy «iroqi» keşdeçilik usulynyň we ýerli ussatlygyň dünýä derejesinde ykrar edilmeginiň netijesidir. Bu ykrarnama sebitde halk sungatyny gorap saklamaga giň mümkinçilikler döredýär.

**Kameraly diş çotgasy.** «Dyson» kompaniýasy adaty çotganyň we irrigatoryň mümkinçiliklerini birleşdirýän, bahasy 500 dollar



bolan «CameraJet» elektrik diş çotgasyny hödürledi. Enjamdaky 0,1 MP makrokamera dişleriň ýagdaýyny sekuntda 28 kadr tizlik bilen seljerýär. Ulgam dişleriň arasyndaky boşluklary kesgitläp, suw akymyny gerekli ýere gönükdirýär. Konus görnüşdäki suw pürküji ulgam diş etine düşýän basyşy azaldyp, arassalaýyş netijeliligini ýokarlandyrýar.

**Trampyň şekili goýlan şaýylyk.** ABŞ-da Prezident Donald Trampyň şekili ýerleşdirilen 1 dollarlyk şaýylyk çykaryldy.



Ýurtda döwlet Baştutanynyň özi dirikä şaýylykda şekillendirilmegi taryhda ilkinji gezek amala aşyryldy. Mis hem-de beýleki garyndylardan ýasalan bu pul ýörite kanunçylyk esaslaryna laýyklykda ýerlenilýär. Şaýylyklaryň 25 sanysy rulonda 61 dollardan, 100 sanysy bolsa haltada 154,50 dollardan satylýar.

**3200 ýyllyk «brend» tapyldy.** Saud Arabystanynyň Kuraýýa oazisinde mundan 3200 ýyl ozal öndürilen nagyşly keramika



önümleri taryhdaky ilkinji «brendleriň» mysaly hökmünde ykrar edildi. Özboluşly gara-gyzyl reňkleri bilen tapawutlanan bu gaplar wagtyň geçmegi bilen goňşy sebitlere hem giňden ýaýrapdyr. Alymlar adamlaryň harydy ýörite nyşanlaryna we hiline görä tanap bilendigini belläp, ony häzirki zaman brendiniň gadymy nusgasy diýip atlandyrýarlar.

**Täze bina gurlar.** Täjigistanyň paýtagtynda Merkezi Aziýada beýikligi 340 metre ýetjek 77 gatly «Duşenbe diňiniň» gurluşygyna badalga berildi. Prezident Emomali Rahmonyň gatnaşmagynda düýbi tutulan 29 gektarlyk toplumda 52 bina, 6160 öý, mekdep we çagalar bagy gurlar. Halkara derejesindäki bu köpugurly taslamanyň gurluşygyna Russiýadan, Özbegistandan hem-de BAE-den kompaniýalar gatnaşarlar.



# Estoniýanyň täze Prezidenti

Estoniýanyň paýtagty Tallin şäherinde ýurduň parlamenti – Riýgikoguda geçirilen ses berişlikde täze döwlet Baştutany saýlandy. Ýurduň Konstitusiýasyna laýyklykda, ozalky adalat kansleri Ýulle Madize 101 deputatdan 71-siniň sesini alyp, Estoniýanyň taryhynda ýedinji Prezident we bu wezipä saýlanan ikinji zenan boldy. Parlamentiň 2-nji sentýabrda geçirilen mejlisinde kabul edilen bu möhüm karara laýyklykda, dalaşgär ýurduň Esasy kanunynda talap edilýän, azyndan sesleriň üçden iki bölegine – 68 sesiň goldawyna eýe boldy. Şol sanda ses berişlik döwründe 7 deputat bitarap galyp, 12-si mejlise gatnaşmady. Saýlawyň netijeleri yglan edileninden soň çykyş eden täze saýlanan döwlet Baştutany Ýulle Madize özüne bildirilen ýokary ynam üçin hoşallyk bildirip, jebis zähmetiň Estoniýanyň durmuşyny has abadan, bolelin we ygtybarly etjekdigine ynam bildirdi. Ol parlamentde kasam kabul edenden soň, şu ýylyň 12-nji oktýabrynda resmi taýdan öz wezipesine girişer.

51 ýaşly hukukçy Ýulle Madize ozal Adalat ministrliginde, Parlamentiň Konstitusion toparynda, Döwlet gözegçilik gullugynda zähmet çekdi, şeýle hem ozalky Prezident Toomas Hendrik Ilwesiň hukuk geňeşçisi wezipesini ýerine ýetirdi we 2015-nji ýyldan bäri adalat kansleri bolup işleýärdi. Ol bu ýokary döwlet wezipesinde bir möhlet işlän we gaýtadan dalaşgärlik etmejekdigini öň yglan eden Alar Karisiň ornuny tutar. Öz



gezeginde Alar Karis täze Prezidenti gutlady we ol ygtyýarlyk möhleti tamamlanýança Ýewropa ýurtlaryna we ABŞ-a saparlaryny amala aşyrar.

Estoniýa Respublikasy Ýewropanyň demirgazygynda, Baltika deňziniň kenarynda ýerleşýär. Gündogarda Russiýa, günortada bolsa Latwiýa bilen serhetleşýär. Ýurduň ilaty 1 million 362 müň 954 adama deň.

# AfD partiýasynyň ýeňşi

Germaniýanyň Saksoniýa-Anhalt sebitinde geçirilen parlament (landtag) saýlawlarynda «Germaniýa üçin alternatiwa» (AfD) partiýasy 44% ses alyp, taryhy we ynamly ýeňiş gazandy. Şeýlelikde, ýurduň gündogar



sebitindäki syýasy meýdanda düýpli öwrülişik bolup geçdi. Bu üstünlik partiýanyň bäş ýyl ozalky görkezijisini iki esse artdyrandygyny we sebitde iň güýçli syýasy güýje öwrülendigini görkezip, federal derejedäki durnuklylyga hem öz täsirini ýetirdi.

Saýlawlara gatnaşýan ilatyň işjeňligi hem Germaniýa birleşeninden bäri iň ýokary derejä ýetip, raýatlaryň, takmynan, 80 göterimi saýlaw uçastoklaryna geldi. Saýlawlara 1,7 million töweregi saýlawçy gatnaşdy. Bu gezekki ses berişlikde saýlawlara öň gatnaşmadyk raýatlaryň köpçülikleýin gatnaşmagy we öň başga partiýalara ses berenleriň AfD-niň tarapyna geçmegi esasy üns merkezinde boldy.

Kansler Fridrih Mersin ýolbaşçylygyndaky häkimiýet başyndaky Hristian-demokratik birleşigi (CDU) üçin bu saýlawlar garaşylyşyndan şowsuz boldy. Hristian demokratlar 18% töweregi ses alyp, sebitdäki taryhynda pes netijeleriň birini görkezdi we öňki saýlawlar bilen deňeşdirilende, sesleriniň ep-esli bölegini ýitirip, ýerli saýlaw okruglarynda göni mandat gazanyp bilmedi.

Saýlawyň netijelerine görä, üçünji orny 9,3% ses bilen Germaniýanyň Sosial-demokratik partiýasy (SPD) eýeledi. Şeýle hem «Ýaşyllar» 8,9%, Çepçi partiýa (Die Linke) 8,6% hem-de «Sara Wagenknehtiň birleşigi» (BSW) 5,3% ses toplap, ýerli parlamente wekillerini saýlamagy başardylar. FDP 2% ses toplap, bäş göterimlik çäkden geçip bilmedi we parlamentiň daşynda galdy.

# Ýaponiýada rekord görkeziji

**Ýaponiýanyň kompaniýalarynda hünärmen ýetmezçiligi sebäpli daşary ýurtly işgärleriň paýy 68,2 göterime ýetdi. «Bloomberg» agentliginiň geçiren barlagyna görä, ilat sanynyň azalmagy we garramagy hem-de iýul aýynda işsizligiň 2,4 göterime çenli peselmegi işewür toparlaryny daşary ýurtlulary işe çekmäge mejbur edýär.**

**Adalat ministrliginiň maglumatlaryna laýyklykda, Ýaponiýada ýaşaýan daşary ýurtlularyň sany 2025-nji ýylyň ahyrynda 9,5% artyp, ilkinji gezek 4 million adamdan geçdi we rekord goýdy. Şol bir wagtyň özünde, häkimiýetler daşary ýurtly işgärleri çekmegiň şertlerini güýçlendirmegi meýilleşdirýärler, bu bolsa hünärmen ýetmezçiligi bolan kompaniýalaryň ýagdaýyny has-da çylşyrymlaşdyryp biler.**

**Milli barlaglar institutynyň çaklamalaryna laýyklykda, ýurtdaky ilatyň düzüminde daşary ýurtlularyň paýy 2020-nji ýyldaky 2,2 göterimden 2070-nji ýyla çenli 10,8 göterime ýetip biler. «Kyodo» agentliginiň habar**



**bermegine görä, hökümetiň görýän çärelerine garamazdan, çaga dogluş derejesi pesligine galýar we Ýaponiýanyň raýatlarynyň sany soňky 42 ýylda ilkinji gezek 120 milliondan aşak düşüp, 119 million 736 müň 483 adama deň boldy.**

# Halkara agrosenagat sergisi geçiriler

21-23-nji oktýabrda Gazagystanyň Astana şäherindäki Halkara EXPO sergi merkezinde «KazAgroFarm 2026» halkara agrosenagat sergisi geçiriler. Merkezi Azi-




ýanyň iň iri pudaklaýyn forumy dünýäniň 25 ýurdundan 300-den gowrak kompaniýany we agrobiznesiň 10 müňden gowrak hünärmenini bir ýere jemlär.

Serginiň çäginde oba hojalyk tehnikasy we innowasiýalar, maldarçylyk we ekerançylyk üçin tehnologik enjamlar, suwy tygşytlaýjy suwaryş ulgamlary, şeýle hem önümleri gaýtadan işlemäge we logistika degişli öňdebaryjy çözgütler görkeziler. Şol bir wagtyň özünde baý işewürlik maksatnamasy guralyp, onda B2B (ikiçäk) we B2G (döwlet edaralarynyň wekilleri bilen) duşuşyklar, plenar mejlisler hem-de maýa goýum taslamalarynyň tanyşdyrylyşlary bolar.

Bu abraýly çärä «DeLaval», «Rostselmaş» we «Agrimatco» ýaly pudagyň dünýä liderleri gatnaşyp, özleriniň iň soňky önümlerini we hyzmatlaryny hödürlärler. Sergä gatnaşyjylaryň geografiýasy Gazagystan bilen birlikde Germaniýa, Niderlandlar, ABŞ, Hytaý, Fransiýa, Türkiýe we GDA ýurtlaryny öz içine alýar.

Gazagystanyň agrosenagat toplumyny giň gerimde döwrebaplaşdyrmaga we göni şertnamalary baglaşmaga mümkinçilik berýän bu esasy B2B meýdançasy möhüm ähmiýete eýedir. Ol Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň we Täjigistanyň telekeçileri üçin halkara oba hojalyk dialogynyň esasy merkezine öwrüler.

# BMG-niň täze özgertmeleri

BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş agza döwletleri guramanyň 80 ýyllygy mynasybetli başlanan giň möçberli özgertmeleriň depginini gowşatman, ony has-da güýçlendirmäge çagyrdy. Ol bu barada BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisinde çykyş edip, guramanyň işini häzirki zamanyň talaplaryna laýyk getirmegiň we netijeliligini ýokarlandyrmagyň wajypdygyny nygtady.

Baş sekretaryň bellemegine görä, «BMG-80» başlangyjynyň esasy ugurlaryna degişli tagallalar barha aýdyňlaşýar. Ol sekretariatyň işini kämilleşdirmegi, borçnamalaryň berjaý ediliş tertibini, gurluş üýtgeşmelerini hem-de maksatnamalaryny gaýtadan düzmegi öz içine alýar. Bu özgertmeler arkaly guramanyň serişdelerden peýdalanmakdaky tertip-düzgünini berkidip, berlen wadalary ýerine ýetirmäge has taýýar ýagdaýa getirmek maksat edinilýär.

Guterriş bu başlangyjyň esasy ölçeginiň ýurtlaryň häzirki wagtda kabul edýän çözgütleriniň geljekde guramanyň işine nähili täsir etjekdigi bilen baglydygyny, ýagny dünýä halklarynyň BMG-niň has çalt, netijeli we jebis hereket edýändigini duýmalydygyny belledi.

Mälim bolşy ýaly, «BMG-80» ählumumy öz-




gertmeler toplumyny Baş sekretar 2025-nji ýylyň mart aýynda dünýä guramasynyň döredilenine 80 ýyl dolmagy mynasybetli teklip edipdi. Baş sekretar 80 ýyl ozal öňki nesilleriň çylşyrymly döwür üçin kuwwatly institutlary döredendigini ýatladyp, häzirki wagtda bu jogapkärçiligiň täze nesle ýüklenýändigini aýtdy.

# Global ekologiýa maslahaty

Geçen aýyň ahyrynda Mongoliýanyň paýtagty Ulan-Batorda BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça konwensiýasynyň sammiti (COP17) geçirildi. Maslahatda ýerleriň zaýalanmagynyň öňüni almak we gurakçylyga garşy göreşmek maksady bilen, 23 sany «ýaşyl» taslama 1,3 milliard amerikan dollary möçberinde maliýe serişdesini gönükdirmek barada ylalaşyldy. Halkara maslahatda topragyň degradasiýasyna garşy göreşmek boýunça täze global gazna döredildi we bilelikdäki anyk ädimler bellenildi.

Häzirki wagtda Ýer ýüzüniň gury ýerleriniň takmynan 40 göterimi çölleşmä sezewar bolup, bu ýagdaý dünýäde 3,2 milliard adamyň durmuşyna gönüden-göni täsir edýär. Bu global mesele Mongoliýa üçin has ýiti häsiýete eýedir: ýurduň çäkleriniň 77 göterimi çölleşmeden ejir çekýär, Aziýada we Hytaýda ýerleşýän Gobi çöli bolsa yzygiderli giňelýär. Şu ýagdaýlary nazara alyp, 197 agza ýurduň wekilleri Kongresiň çäginde anyk amaly çözgütleri işläp düzmek maksady bilen bir ýere jemlendiler. Duşuşyga Bütindünýä bank toparynyň, Aziýa we Afrika ösüş banklarynyň wekilleri gatnaşyp, Hökümet ýolbaşçylary bilen netijeli gepleşikleri geçirdiler.

Sammitiň esasy netijeleriniň biri hem gurakçylyga garşy durnuklylygy ýokarlandyrmaga




we oňa öňünden taýýarlyk görmäge gönükdirilen ilkinji global katalizator maliýeleşdiriş platformasynyň döredilmegi boldy. Bu täze platformanyň üsti bilen 400 million dollara çenli goşmaça serişde çekmek meýilleşdirilýär. Mundan başgada, taryhda ilkinji gezek şäher häkimleriniň gatnaşmagynda duşuşyk guralyp, olarda şäherleriň we bütin ýerli häkimiýet edaralarynyň bu ekologik çözgütleriň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşmagynyň zerurdygy bellenildi.

# Dünýä kartasy kämilleşdirilýär

BMG-niň Baş Assambleýasy yklymlaryň hakyky meýdanlaryny görkezýän täze kartografik proýeksiýalara geçmek baradaky taryhy rezolýusiýany kabul etdi. Bu wajyp ädim halkara gatnaşyklarda, bilim ulgamynda we geosyýasatda ýerleriň hakyky ölçeg gatnaşygyny dogry hem-de adalatly beýan etmäge gönükdirilendir.

Dünýäniň 164 döwletiniň ses bermegi bilen kabul edilen bu resminama XVI asyrda deňiz nawigasiýasy üçin döredilen we ýer bölekleriniň meýdanlaryny ep-esli ýoýup görkezýän adaty Merkator proýeksiýasyndan ýüz öwürmegi talap edýär. Diňe alty döwlet ses bermekden saklanan bolsa, ABŞ bu rezolýusiýa garşy çykan ýeke-täk ýurt boldy we ony «artykmaçlyk» hasaplady.

Togo döwletiniň öňe süren we Afrika Bileleşigi tarapyndan giňden goldanylan bu başlangyçda, ozalky kartalarda ekwatora golaý sebitleriň kiçeldilmegi we polýuslara ýakyn ýerleriň bolsa artdyrylyp görkezilmegi adam aňynda ýalňyş düşünjeleri döretdi. Meselem, Merkator proýeksiýasynda Grenlandiýa bilen Afrikanyň meýdany deňräk ýaly görünse-de, hakykatda Afrikanyň meýdany Grenlandiýadan 14 esse uludyr. Proporsional bolmadyk bu kartografik şekillendirmeleriň medeni, ykdysady we bilim ulgamlarynda uzak möhletleýin ýaramaz netijelere getirendigi nygtaldy.

BMG-niň bu kararynyň göni mejbury hukuk güýji bolmasa-da, dünýä jemgyýetçiligine we ýurtlaryň içerki syýasatyna uly täsir edýär. Şunuň bilen baglylykda, Fransiýanyň daşary işler ministri Žan-Noel Barro Parižiň hem Merkator kartalaryndan ýüz öwrüp, hakyky meýdanlary has takyk görkezýän we alymlaryň maslahatyna laýyk gelýän proýeksiýalara geçjekdigini mälim etdi. Häzirki zaman kartograflary tarapyndan 2018-nji ýylda işlenip düzülen «Equal Earth» proýek-



siýasy ýaly döwrebap ulgamlary ulanmak teklip edilýär. Şol bir wagtyň özünde köne Merkator kartasy ugry dogry görkezmek aýratynlygy sebäpli diňe deňiz we howa nawigasiýasynda ulanylmagyny dowam etdirer.

Häzirki kartalar flaman geografy we kartografy Gerard Merkatoryň (1512–1594 ýý.) 1569-njy ýylda döreden dünýä kartasyna esaslanýar. Bilermenler Ýeriň kartada bolşy ýaly dogry ölçeglerde görkezip bolmajakdygyna ünsi çekýärler. Emma täze teklip edilýän karta bäş asyr bäri ulanylýan häzirki kartadan has takyk bolar.



# Bazaryň energiýasy Günden alynýar

Londonyň «New Spitalfields» gök önümler bazarynda şäherde iň uly Gün panel ulgamy işe girizildi, munuň üsti bilen iri söwda merkezi öz energiýa üpjünçiligini ýola goýdy. Leýton sebitinde ýerleşýän we umumy meýdany 13 gektara barabar bolan bazaryň bäş sany binasynyň üçeginde jemi 2 müň 730 sany Gün paneli oturdyldy.

Bahasy 1 million funt sterlinge (1,17 million ýewro) barabar bolan bu taslama «City of London» korporasiýasynyň iş amallaryny ýerine ýetirende, 2027-nji ýyla çenli zyňyndylary doly aradan aýyrmaga goşant goşar. Umumy kuwwaty 1,4 megawatt bolan bu ulgam ýylda, takmynan 1,27 gigawatt/sagat elektrik energiýasyny öndürip, howa zyňyndylaryny ýylda 225 tonna golaý kemeltmäge mümkinçilik berer.

Gije-gündiz işleýän we sowadyjy enjamlar üçin köp mukdarda energiýa talap edýän bu bazarda ýerli çeşmeden alnan «ýaşyl» energiýanyň ulanylmagy onuň umumy elektrik ulgama bolan garaşlylygyny ep-esli gowşadýar. Korporasiýanyň strategiýa komitetiniň başlygy Kris Heýuord bu başlangyjyň Beýik Britaniýadaky yssy howa şertlerinde we sowadyjy ulgamlara bolan islegiň artýan döwründe ýerli täzelenip bilýän çeşmelere maýa goýmagyň möhümdigini alamatlandyrýandygyny belledi.

Londonyň ähli ýerinde esasy täjirçilik infrastrukturasynda giň möçberli täzelenip bilýän energiýany ulanmak üçin bu taslamanyň nusgalyk ähmiýete eýe bolmagyna garaşylýar. Ýurduň iň iri miwe, gök önüm we gül bazarlarynyň biri bolan «New Spitalfields» bazarynda 130 telekeçi zähmet çekip, olar alyjylara 15 müňden gowrak haryt görnüşini hödürleýärler.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1609-njy ýylyň 11-nji sentýabrynda iňlis deňizçisi Genri Gudzon «Halve Maen» gämisinde Demirgazyk Amerikanyň kenarlaryna baryp, Manhetten adasyny açdy. Ol bu ýerleri ýazuw ýüzünde ilkinji bolup belläp geçdi hem-de soňra öz ady dakylan derýany gämide ýüzüp barlap çykdy. Bu möhüm açyşlar geljekde Nýu-Ýork şäheriniň düýbüniň tutulmagyna we bu sebitde täze döwrüň başlanmagyna giň ýol açdy.**



# EMELI AŇ DOST ÝA-DA SYRDAŞ BOLUP BILERMI?!

**Soňky ýyllarda tehnologik serişdeleriň ösmegi bilen emeli aň giňden ulanylyp başlandy. Häzirki wagtda onlaýn maslahat beriş platformalarynda, söwda hyzmatlarynda, bilim we saglygy goraýyş ulgamlarynda, metbugat we mediýa habarlarynda, şeýle hem güýmenje hyzmatlarynda emeli aň giňden ulanylýar. Emeli aňdan (EA) peýdalanmak ýaş nesliň arasynda has ýörgünli bolup, indi ýetginjekler özleri üçin gyzykly bolan zatlary kitaplary dörmezden ýa-da ululardan soramazdan, emeli aň tehnologiýasyndan peýdalanyp öwrenýärler. Islendik soraga gysga wagtda jogap berýän bu ulgam ýaşlaryň bilimlerini ösdürmekde, täze zatlary öwrenmeginde uly ähmiýete eýedir. Ýöne şeýledigine garamazdan, ýaşlaryň aglaba bölegi emeli aň ulgamyny özüniň ýakyn dosty hökmünde kabul edýär. Eýsem, göze görünmeýän, duýgusy bolmadyk hem-de kompýuter tehnologiýasy esasynda işleýän «hemme zatdan habarly» bu ulgam adamyň ýakyn dosty ýa-da syrdaşy bolup bilermi?!**



Tehnologiýa hünärmenleriniň bellemegine görä, emeli aň 24 sagadyň dowamynda islendik soragyňa jogap berip, özara gürrüňdeş bolup biler. Ýöne hakyky dostuň ornuny tutup bilmez. Emeli aň gybat etmeýär, adama buýruk bermeýär. Bu ulgam diňe adama maslahat berip, ruhlandyryjy we goldaw beriji sözleri aýdýar. Şol sebäpli köpler emeli aňyň sözlerine monça bolup, özüne ýakyn saýýar. Hatda emeli aňy özüniň syrdaşy we iň ýakyn dosty hasaplaýar.

Hakyky dostluk durmuş tejribesini paýlaşýan we biri-biri barada alada edýän adamlardan emele gelýär. Emma emeli aň öňki söhbetdeşlikleri ýatda saklaýar we şol bir zady gaýtalaýar. Hakykatda bolsa hiç zat duýmaýar, ýagny sen barada alada etmeýär.

Köpler kyn ýagdaýa düşende bolup geçen wakalary emele aňa gürrüň berip, rahatlyk tapýar. Hünärmenler bu ýagdaýy düýpli çözgüt hökmünde kabul etmeýärler. Kompýuterde hat ýazyşmagyň stresi azaltmaga ýardam edýändigine garamazdan, ol duýgy taýdan goldaw berip bilmeýär. Şeýle hem emeli aň adamyň başyndan geçirýän duýgusyny ýa-da wakasyny başdan geçirmeýär. Ol ulanyjynyň ýazan hatyna laýyklykda jogap berip bilýär. Ol ýüz hereketini görmeýär, ses äheňini eşitmeýär ýa-da psiholog ýaly barlaglary geçirmeýär. Geljekde adamyň emeli aň bilen özara gatnaşygy hakykydyr öýdüp garyşdyryp biljekdigi bilermenler tarapyndan nygtalýan esasy töwekgelçilikleriň biri hasaplanýar.

Emeli aňyň söhbetdeşlikleriniň özüne çekiji bolmagynyň iň esasy sebäpleriniň biri, onuň adamlaryň özara gatnaşygyny tebigy usulda gaýtalamak ukybydyr. Ulanyjynyň uzyn we çylşyrymly sözlemine bu ulgam sada hem-de düşnükli dilde jogap berip bilýär. Bu bolsa adamlary has-da özüne çekýär.

2025-nji ýylda 11 dürli emeli aň modeliniň we 1 müň 604 meýletinçiniň gatnaşmagynda barlag geçirildi. Gelnen netijä görä, emeli aňyň adama görä ulanyjyny aşa köp makullamagy we gapma-garşylygyň azdygy sebäpli kopleriň sanly ulgamy syrdaş hasaplaýandygy ýüze çykaryldy. Geçirilen başga bir barlagda bolsa emeli aňyň adamy gepleşmäge, içini dökmäge höweslendirip, pikirlerini jemlemäge, özüne gelmäge we kyn pursatda rahatlandyrmaga ýardam edip biljekdigi ýüze çykaryldy. Alymlaryň aglaba bölegi psihoterapiýa usulyna esaslanyp işlenip düzülen gepleşik ulgamlarynyň stresi azaltmak babatda adama ýakyndan ýardam edip biljekdigini belleýär. Ýöne bu netije «Emeli aň adamyň ornuny tutdy» diýmegi aňlatmaýar. Emeli aňa «Men şu gün özümi erbet duýýaryn, maňa kömek edip bilersiňmi?» diýip ýüz tutup bolar. Emma «Mende stres barmy? Men özümi erbet duýýaryn, saglyk ýagdaýym barada aýdyp ber?» ýa-da «Men şu meselede nähili karara gelmeli? Dowam etmelimi ýa-da bes etmelimi?» diýeniňde, lukmana ýa-da ýakyn ynsanlaryň ýanyna gitmegi maslahat berer.

Geçen ýyl «MIT Media Lab» we «OpenAI» kompaniýalarynyň alymlary tarapyndan geçirilen bir aýlyk seljerişde, takmynan, 981 ulanyjy we 300 müňden gowrak habar gözden geçirildi. Gözlegde emeli aň bilen geçirilýän wagtyň artmagy netijesinde adamyň özüni ýalňyz duýýandygy we töweregindäki adamlar bilen aragatnaşygyň azalýandygy anyklandy. Gelnen netijä görä, islendik bir adam emeli aňy özüne dost ýa-da syrdaş hasaplaýan bolsa, hakyky durmuşdan üzňeleşip başlaýar. Munuň sebäbi bolsa, beýleki barlaglarda gelnen netijeler ýaly: emeli aň aşa sabyrly, adamy uzak wagtlap diňleýär we köşeşdirýär, buýruk bermeýär, erbet sözleri ulanmaýar, diňe ruhlandyryjy sözleri aýdyp, maslahat berýär. Şol sebäpli özüni ýeke we ýalňyz duýýan adamlar, esasan hem, ýaşlar emeli aňa has golaýlaşýarlar. Emeli aňyň barha kämilleşýändigine we ösýändigine garamazdan, «sanly syrdaş» hakyky dostlugyň ornuny tutup bilmez. Şeýle hem adamlara hakyky bagty we duýgyny berip bilmez.

Tebigy täsinlik



## WULKANYŇ IÇINDÄKI WULKAN ADASY

**Filippin deňziniň ortarasynda, Tokiodan, takmynan, 350 kilometr günortada, Ýaponiýanyň iň çetinde ýerleşýän Aogasima adasy tebigy gözellikleriň biridir. Krateriň içinde ýerleşýän täsin ýaşaýyş merkezine baranyňda, bu ýeriň gözelligine haýran galýarsyň. Köpler tarapyndan «wulkanyň içinde wulkan» diýip atlandyrylýan bu adanyň tutýan meýdany 8,75 inedördül kilometre barabar.**

**Ýuwaş ummanyň güýçli akymynda ýerleşýän Aogasima adasynda işjeň wulkanyň bardygyna garamazdan, takmynan, 160 adam ýaşaýar. Ýaponiýadan has uzakdaky bu adada tebigatyň asuda sazlaşygy höküm sürýär. Ýerli ilat diňe krateriň içinde mesgen tutmak bilen çäklenmän, eýsem, peýzažyň merkezinde emele gelen ikinji kiçi krater (işjeň wulkan) bilen bile ýaşaýar. Adada wagtal-wagtal täze wulkan atylmalarynyň döreýändigine garamazdan, adamlar gözel tebigatda ýaşamagyny dowam edýär. Aogasima adasynda ýeriň astyndan çykýan gyzgyn suw içmek we aşhana hyzmatlary üçin ulanylýar. Ilatyň esasy iýmiti balyk we deňiz önümleri bolup, gök önümler ýurduň beýleki ýerlerinden getirilýär. Adanyň ilaty ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanýar. Wulkanyň içindäki wulkan adasynda iri şahly mallaryň, öý we ýabany guşlaryň birnäçe görnüşi duş gelýär. Bu ýerde ýeralma we käbir bakja ekinleri çäkli möçberde ekilýär.**



**Daş-töweregi dik gaýalar bilen gurşalan içi oýuk ada ýetmek üçin ummandaky birnäçe kynçylykdan geçmeli bolýar. Ada parom ýa-da dikuçar arkaly baryp bolýar. Ummandan öwüsýän güýçli şemal, tolkunlaryň urgusy adada adaty bolmadyk howa şertini emele getirýär. Wulkan adasynyň ýaşaýjylary deňiz suwuny wulkanyň gyzgynlygy bilen bugartmak arkaly hingýa duzuny öndürýärler. Mundan başga-da, sýotýu spirti hem öndürilýär.**

**Uzakda ýerleşýändigine garamazdan, Aogasima adasy Tokio şäher häkimligine degişlidir. Ada seýrek ýagdaýda syýahatçylar hem barýarlar. Bu ýerdäki gyzgyn suwly tebigy hammamda ýuwunmak, agşamyna ýyldyzlary has ýakyndan synlamak hem-de ýaşyl dag gaýalarynda gezelenç etmek iň gyzykly güýmenjeler hasaplanýar. Ýaşyl ada tebigatda rahat dynç almagy halaýanlar üçin iň gowy ýerleriň biridir.**

## Üzüm toşabynyň SAGLYGA PEÝDASY

**Jana şypaly miweleriň biri bolan üzüm asyrlarboýy saçagymyzyň bezegi bolup gelýär. Çyrmaşyk agaçda bitýän salkymly miweden terligine iýilmek bilen bir hatarda, kişmiş, mürepbe, şerbet we toşap taýýarlanýar. Hünärmenler witaminleriň, minerallaryň we tebigy şekeriň çeşmesi bolan üzüm toşabynyň saglyk üçin örän peýdalydygyny belleýärler.**

**Immuniteti güýçlendirýär.** Üzüm toşabyndaky antioksidantlar bedeni erkin radikallardan goraýar. Şeýle hem immuniteti güýçlendirip, bedeniň kesele garşy göreşijilik ukybyny ýokarlandyrýar. Gyş aýlarynda sowuklamanyň we dümewiň öňüni almak üçin üzüm toşabyny içmeli.

**Iýmit siňdirişi ýeňilleşdirýär.** Üzüm toşabyndaky organik kislotalar iýmit siňdirişi ýeňilleşdirip, aşgazany rahatlandyrýar. Şeýle hem içegäniň hereketini kadalaşdyryp, iýmit siňdiriş, iç gatama bilen bagly meseleleri aradan aýyrýar.

**Ganazlyga garşy göreşýär.** Demre baý üzüm toşaby ganazlykdan ejir çekýänler üçin maslahat berilýän tebigy melhemleriň biridir. Üzüm toşabyny her gün 1-2 nahar çemçeden yzygiderli içmek gemoglobiniň derejesini ýokarlandyrýar we gan öýjükleriniň täzelenmegine ýardam edýär. Esasan hem, çagalara we zenanlara üzüm toşabyny içmek maslahat berilýär.

**Bedeni kuwwatlandyrýar we ýadawlygy aýyrýar.** Üzüm toşabynda köp mukdarda glýukoza we fruktoza bar. Bu maddalar bedende çalt energiýa öwrülip, adama güýç berýär. Irden üzüm toşabyny içmek günüňi energiýa bilen başlamaga we önjeýli işlemäge ýardam edýär.



**Süňk we diş üçin peýdaly.** Üzüm toşabynyň düzüminde ýeterlik derejede kalsiý we magniý saklanýar. Bu minerallar süňküň we dişiň kadaly ösüşini üpjün etmek bilen bir hatarda, bogunlarda döreýän käbir töwekgelçilikleri azaltmaga ýardam edýär.

Hünärmenler her gün 1-2 nahar çemçe üzüm toşabyny içmegi maslahat berýärler. Süýji we goýy iýmiti aşa köp mukdarda içmek aşgazan-içege ulgamyna, gandaky şekeriň mukdaryna oňaýsyz täsir edýär. Üzüm toşabyny gyzdyryp içmek, kekslere goşup, gaýtadan bişirmek maslahat berilmeýär.

## Ko-Pani – Tailandyň «ÝÜZÝÄN» OBASY

**Tailandyň Phangnga aýlagynda – deňziň ortarasynda, äpet gaýalaryň arasynda ýerleşýän Ko-Pani obasy täsin ýerleriň biri hasaplanýar. XVIII asyryň ahyrynda malaý balykçylary we deňizçileri tarapyndan esaslandyrylan bu obanyň jaýlary, mekdepleri, dükanlary we metjitleri agaç hem-de beton sütünleriň üstünde dur. Ko-Pani obasy 1986-njy ýylda gurlan ýüzýän futbol meýdançasy (Panyee FC) bilen meşhurdyr. 360 maşgaladan, ýagny 1 müň 685 adamdan ybarat bolan oba ilatynyň asly Ýawadan göçüp gelen iki musulman deňizçi maşgalasyndan gelip çykýar. Tailandyň syýahatçylyk pudagynyň ösmegine uly goşant goşan obada, esasan, musulman ilat ýaşaýar. Adadaky metjit obanyň merkezi bolup, möhüm ýygnaklaryň we duşuşyklaryň geçirilýän ýeridir. Suwdan 100 metr beýiklige galyp duran ullakan gaýa obanyň meşhur nyşany hasaplanýar. Taryhy maglumatlara görä, irki ýyllarda balykçylar ýoldaşlaryna habar ugratmak üçin gaýanyň depesinde baýdak dikipdirler. Şol sebäpli bu oba taý dilinde «Baýdak obasy» hem diýilýär.**

**Durmuş şertleriniň we syýahatçylygyň ösýändigine garamazdan, oba ilaty balykçylykdan gün-güzeran aýlaýar. Ýurduň beýleki şäherlerinden egin-eşik, derman we arassaçylyk serişdeleri satyn alynýar. «Ýüzýän obanyň» töweregindäki suwuň içinden çykyp duran gaýalar «Jeýms Bond adasy» diýlip atlandyrylýar. Ýagyş möwsüminde Ko-Pani obasyna daşyndan adam barmaýar. Sebäbi emeli adanyň üstünde gurlan bu obada suw joşmalary we tebigy hadysalar köp bolýar. Gurakçylyk möwsüminde, ýagny tomusda syýahatçylar täsin obany we Jeýms Bond adasyny ýakyndan synlamaga barýarlar. Obada gaýykly gezelenç etmek bilen bir hatarda, restoranlarda deňiz önümlerinden taýýarlanan dürli tagamlar hödürlenýär. Balykçylar obasynda 12 töweregi restoran bar. Obada adam saglygy üçin zyýanly içgiler we önümler satylmaýar.**



## GÜÝZDE SYÝAHAT ETMELI OWADAN ÝERLER

**Her paslyň özüne mahsus tebigy gözelligi bar. Pasyllaryň çalyşmagy bilen tebigat, şäherler, obalar özboluşly görnüşe eýe bolýar. Güýz pasly gyzyl, sary we mämişi ýapraklaryň öwüşgini bilen jadyly dünýäni emele getirýär. Syýahatçylaryň köpüsi bu pasylda sary dona bürenen owadan tebigata we şäherlere gezelenç etmäge çykýarlar. Tebigatda gezelenç etmek, sary ýaprak düşelen ýodalardan ýöräp, daş-töweregiň gözelligini synlamak her bir adamyň kalbynda ajaýyp duýgulary döredýär. Gazetimiziň şu sanynda güýz paslynda syýahat edilýän owadan ýerler bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**



**WERMONT.** Wermont sary dona bürenen obalary, altynsow ýapraklar bilen örtülen köprüleri we aýlawly depeleri bilen jadyly dünýäni emele getirýär. ABŞ-nyň demirgazyk-gündogaryndaky bu ştata barýan syýahatçylar gyzyl, mämişi we sary ýapraklar bilen örtülen üsti üçekli köprüleri şäheriň nyşany hasaplaýarlar.

**ONTARIO.** Güýz paslynda özüne çekiji ýerleriň biri-de Kanadanyň Ontario welaýaty bolup, Torontonyň golaýyndaky bu şäherde Hokli jülgesine we Kaledon depelerine syýahat edip bilersiňiz. Bulardan başga-da, Algonkin we Killarni seýilgähleri güýz paslynda mämişi-sary lybasa bürenip, tebigaty söýüjilerde täsin duýgulary döredýär.

**TOSKANA.** Italiýanyň tuskan tokaýlary bilen meşhurlyk gazanan Toskana sebitine güýz paslynda syýahat edip, Wendemmiýa däbine (üzüm hasylynyň baýramçylygy) gatnaşyp bolýar. Ekerançylyk babatda ösen bu şäherde güýz pasly ýylyň iň esasy möwsümi hasaplanýar. Italiýanyň aýlawly depeleri, üzüm meýdanlary we özüne çekiji obalary bilen tanalýan Toskana sebiti güýzde romantik peýzažy döredýär. Sebitdäki San Jiminýano we Montepulçano ýaly Orta asyr şäherlerinde aýlanyp, ýaýylyp ýatan altynsow ýaprakly üzüm meýdanlaryny synlap bolýar. Toskana güýz paslynyň asuda gözelligini synlamak üçin iň ajaýyp ýerleriň biridir.

**BAWARIÝA.** Bawariýanyň özüne çekiji peýzažlary güýz paslynda hasam gözelleşýär. Sebitiň aýlawly depeleri, Orta asyrda gurlan galalary we Alp daglarynyň etegindäki özüne çekiji reňkli obalary güýz paslynda gezelenje çykýan syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. Ertekileri ýadyňa salýan Noýşwanştaýn galasy güýz paslynyň keşbinde sebiti örän owadan görkezýär. Bawariýa barýan syýahatçylar üsti gar bilen örtülen Alp daglaryna çykyp, gyzgylt-sary jülgelerde ýabany tebigatda dynç alyp bilýärler.

**KÝOTO.** Ýaponiýanyň Kýoto şäheri güýz paslynda has-da gözelleşýär. Bu pasylda şähere barýan syýahatçylar özlerini jadyly dünýä düşen ýaly duýýarlar. Şäherdäki ýapon momiji agaçlary, Kiýomizudera we Tofuku-ji baglary gyrmyzy hem altynsow reňkleriň sazlaşygyny emele getirýär. Şeýle hem güýz paslynda Kýoto şäherindäki Araşiýama bambuk tokaýlyklary özüne çekiji görnüşe eýe bolýar.

**SEUL.** Koreýa Respublikasynyň gülläp ösýän paýtagty güýz paslynda ajaýyp görnüşe eýe bolýar. Seuldaky döwrebap binalaryň, köp şahaly köçeleriň arasyndaky seýilgähleri we taryhy ýerleri güýz ajaýyplygy gurşap alýar. Şäherdäki milli däp-dessurlaryň geçirilýän ýeri bolan Kýonbokkun köşk toplumy sary ýapraklar bilen örtülýär. Güýz paslynda şähere barýan syýahatçylar koreýleriň milli lybasy bolan hanbok geýip, Namsan we Olimpiýa seýilgähindäki altynsow ýapraklaryň arasynda surata düşýärler. Seul şäherinde güýz paslyna bagyşlanyp hottok we içi maňyzly dürli görnüşli süýjülikler taýýarlanylýar.

**SZÝUÇŽAÝGOU JÜLGESI.** ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň bir bölegi bolan Szýuçžaýgou jülgesi reňkli kölleriň, şaglawuklaryň we owadan tokaýlyklaryň jemlenen ýeridir. Hytaýyň bu jülgesi güýz paslynda hakyky sungat eserine öwrülýär. Jülgedäki düýbi görnüp duran Aýna köli we beýleki arassa suwly köller sary ýapraklar bilen bezelip, gözel görnüşi emele getirýär. Bu jülgede dünýäniň seýrek duş gelýän jandarlarynyň biri bolan pandalary hem synlap bolýar.

## HALKARA SUDOKU GÜNI

Her ýyl 9-njy sentýabrda Halkara sudoku güni bellenilip geçilýär. 2013-nji ýylda Bütindünýä tapmaça federasiýasy (WPF) tarapyndan esaslandyrylan bu sene mynasybetli 9x9 öýjükleriň içine san ýerleşdirmek bäsleşikleri guralýar.

Sudoku 3x3 kiçi öýjüge bölünen, jemi 81 aýry öýjükden ybarat, her setiri 1-den 9-a çenli sanlar ýerleşdirilýän kyn we gyzykly tapmaçadyr. Oýnuň şertine görä, her bir san şol setirde ýa-da 3x3 kiçi öýjükde gaýtalanmaly däl. Tapmaçada bir san dikligine ýa-da keseligine iki gezek gaýtalansa, ýalňyş çözdügiň ýa-da utuldygyň bolýar. Sudokuny aňsatlaşdyrmak üçin käbir öýjüklerde san görkezilýär.

Köpler häzirki zaman sudokuny ýaponlaryň döredendigini belleýärler. Aslynda, sudoku 1979-njy ýylda amerikan tapmaça dizaýneri Howard Garns tarapyndan «San orny» ady bilen çap edildi. Bu güýmenje 1984-njy ýylda «Nikoli Co., Ltd.» ýapon neşirýat kompaniýasy tarapyndan çap edilip, köpçülige hödürleneninden soň has meşhurlyk gazandy. Ýaponlar krossword diýip aýtmakda kynçylyk çekýändikleri sebäpli gyzykly tapmaça «sudoku» diýip at berýärler. Ýaponçada «Su-doe-koo» diýlip okalýan bu söz «sanlar ýeke bolmaly» diýen manyny aňladýar.



Ýönekeýdigine garamazdan, uzak wagtlap pikirlendirýän bu tapmaça saglyk üçin peýdaly hasaplanýar. Her gün millionlarça adamyň uly höwes bilen çözýän sanly tapmaçasy beýnini işjeňleşdirmek bilen bir hatarda, san yzygiderliligi bilen bagly amallary öwrenmäge mümkinçilik berýär. Hünärmenler ünsi gowşak adamlara sudoku çözmegi maslahat berýärler. Logiki pikirlenmäni ösdürmekde hem sudokunyň uly peýdasy bar. Jemläp aýdanyňda, öýjüklere san ýerleşdirilýän tapmaça beýni üçin iň gowy akyl maşkydyr.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Piranýa – Günorta Amerikada ýaşaýan ýyrtyjy balyk

Günorta Amerikanyň derýalarynda, köllerinde we howdanlarynda ýaşaýan ýyrtyjy balygyň biri-de piranýadyr. Amazonkada iň köp ýaýran bu balyk islendik süýji suwa uýgunlaşyp bilýär. «Serrasalmidae» maşgalasyna degişli kiçijik ýyrtyjy balyklar suwdaky islendik zady iýip bilýärler. Piranýalaryň esasy aýratynlygy awuna süri bolup topulmagydyr. Maglumatlara görä, bir sürüde 20-den 1000-e çenli piranýa bolup, ullakan balygy birnäçe sekundyň içinde ýom-ýok edýär.

Piranýa sözi ilkinji gezek 1710-njy ýylda iňlis edebiýatynda portugal dilinden alnan söz hökmünde peýda bolýar. Süýji suwda ýaşaýan bu balygyň 60-dan gowrak görnüşiniň bardygy çaklanylýar. Häzirki wagtda piranýanyň 38-39 görnüşi ylmy taýdan ykrar edildi. Şolaryň 25-si Amazonka, 16-sy Orinoko, 3-si Paragwaý we Parana, 2-si San-Fransisko derýalarynda ýaşaýar. Piranýalar Bangladeşiň günorta-gündogaryndaky Kaptaý kölünden hem tapyldy. Şeýle hem Hytaýyň Liszýan derýasynda görüldi. Amerikadan, ýagny başga materikden Aziýa yklymyna bu balygyň nähili ýagdaýda gelendigi hünärmenleri pikirlendirýär.

Piranýanyň ululygy 12-35 santimetr aralygynda bolýar. Käte bu balygyň 60-70 santimetre ýetýän has ululary hem duş gelýär. Piranýanyň ýokarky ýüzgüji we guýrugy garamtyl, iki gapdaly we garnynyň aşagy kümüşsöw-mämişi reňkde bolýar. Owadan balygyň eňek süňki örän çeýe bolup, güýçli zarba we uly ýyrtyjylaryň hüjümine döz gelmäge mümkinçilik berýär. Piranýa it dişine meňzeş ýiti dişleri bilen tapawutlanýar. Piranýanyň ähli görnüşiniň ýokarky we aşaky äňiniň bir hataryny ýiti dişler emele getirýär.



Ýyrtyjy balyk agzyny ýumanda dişler biri-biriniň arasyna girip, gulplanan ýaly berk ýapylýar. Bul bolsa piranýanyň awuny has berk tutmagyna we çaltlyk bilen goparyp iýmegine mümkinçilik berýär. Piranýalaryň beýleki balyk görnüşlerinden tapawutlylykda çeýe hem çalt hereket edýän eňek myşsalary bar. Bu bolsa piranýanyň has çalasyn we güýçli dişlemegine ýardam edýär. Bu balyklar, adatça, iýmek isleýän zadyny goparyp alýarlar.

Kiçijikdigine garamazdan, uzakly gün iýmitlenip gezýän piranýalar her gün ortaça 2,5-540 gram aralygynda iýmit iýýär. Kiçijik ýyrtyjy balyklar käte suwa gaçan uly jandarlara (at, sygyr...) hüjüm edýän bolsalar-da, aglaba bölegi ownuk balyklar, mörmöjekler, ösümlikleriň tohumy, miwe bilen iýmitlenýärler. Hünärmenler käbir piranýa sürüsiniň guş, ýylan we kiçi süýdemdirijiler bilen iýmitlenýändigini hem belleýärler. Piranýalar gurakçylyk möwsüminde derýanyň suwunyň pese gaçmagy bilen iýmit ýetmezçiliginden ejir çekýärler. Şol wagt gaharjaň kiçijik ýyrtyjylar suwa giren islendik zady iýip bilýärler.



Timsah (krokodil), Amazon süýji suw delfini (boto) hem-de suw ýylanlary piranýalar bilen iýmitlenýär. Ýöne muňa garamazdan, Amazon basseýninde piranýa sürüleriniň sanynyň artmagy dowam edýär. Şol sebäpli ýylyň belli bir möwsüminde piranýalar köpçülikleýin awlanýar. Tutulan piranýalaryň aglaba bölegi emeli howdanlarda, şeýle hem akwariumlarda saklanýar.

Gyzyl garynly piranýa ýyrtyjy balyklar maşgalasynyň akwariumda iň köp saklanýan görnüşi bolup, bu balygy beýleki balyklar bilen bilelikde goýup bolmaýar. Köplenç aýnaly gapda 3-4 sany piranýa bilelikde saklanýar. Piranýa saklanýan akwariuma barmagyňy batyrmak ýa-da suwuny arassalaýan wagtyň dişli balygy ellemek howply hasaplanýar. Piranýanyň eti Amazon basseýninde ýaşaýan ýerli halkyň esasy iýmitidir. Ýöne köpler ýyrtyjy balygyň etini biraz gaty hem-de gylçykly görýär.

# Sary garpyz gördüňizmi?!

**Dünýäde garpyzyň 1200-den gowrak görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Göräýmäge garpyzyň ähli görnüşi birmeňzeş ýaly. Ýöne bu bakja önüminiň daşky görnüşi hem-de içki reňki bilen tapawutlanýan dürli görnüşleri bar. Adatça, garpyzyň paçagy ýaşyldan garamtyl çyzykly, etli bölegi gyzyl bolýar. Dünýäniň käbir künjeginde paçagy gara, ak, sary, etli bölegi ak, gülgün, sary görnüşleri hem ösdürilip ýetişdirilýär. Hatda gawuna meňzeş garpyzlar hem bar. Eýsem, siz sary garpyz gördüňizmi?!**

**Taryhda «faraonlaryň garpyzy» diýlip atlandyrylan sary garpyz şireli süýji tagamy we reňki bilen köpleri haýran galdyrýar. Eti açyk sary reňkli bu garpyzy daşyndan tapawutlandyryp bolmaýar. Sebäbi sary garpyzyň paçagy edil adaty garpyz ýaly garamtyl zolakly ýaşyl bolýar. Häzirki wagtda gyzyl reňkli garpyzy hakyky bolmalysy hasaplasak-da, irki döwürlerde sary we açyk reňkli garpyzlar ekilipdir. Ilkibaşda Afrikada dörän garpyzyň bäş müň ýyldan gowrak taryhy bar. Gadymy Müsürde geçirilen gazuw-agtaryş işleri wagtynda faraonlaryň mazaryna garpyzlaryň goýlandygy ýüze çykaryldy. Biziň eýýamymyzyň 425-nji ýylyna degişli Wizantiýa mozaikasynda häzirkilere meňzeş garpyzyň şekili görkezilýär.**

## NÄME ÜÇIN SARY REŇKDE BOLÝAR?



**Gyzyl garpyzyň tebigy reňkini likopin atly pigment (reňk öýjügi) berýär. Likopin pomidorda we gyzyl burçda hem bar. Sary garpyzda likopin ýok. Onuň ýerini lýutein we beta-karotin pigmenti, ýagny sarymtyl-mämişi reňk emele getirýär. Başgaça aýdylanda, gyzyl we sary garpyzyň düzümi diňe reňk däl, eýsem, tagam hem-de witaminler taýdan hem tapawutlanýar. Gyzyl garpyza görä, has süýji hem-de suwly hasaplanýan sary garpyzda A witamini köp mukdarda saklanýar. Sary garpyzyň tagamy mango, ananasa we bala çalym edýär. Sary garpyzyň düzüminiň 92 göterimden gowragyny suw emele getirýär.**

**Afrikadan gözbaş alýan «faraonlaryň garpyzy» häzirki wagtda ABŞ, Braziliýa, Ispaniýa, Gresiýa, Hytaý, Ýaponiýa, Tailand, Wýetnam, Türkiýe, Gazagystan ýaly ýurtlarda ekilýär. Her ýyl dünýäde 105 million tonnadan gowrak garpyz ýetişdirilýär.**



# Ananas tagamly ÝERTUDANA

Amerikanyň günbatar kenarlarynda ösdürilip ýetişdirilýän täsin miweleriň biri-de paýnberri bolup, tagamy hem-de reňki bilen tapawutlanýar. Ýertudananyň çaknyşdyrylan görnüşi hasaplanýan paýnberriniň reňki ak, gabygyna ýapyşyp duran çigitleri gyzyl bolýar. Şol sebäpli bu miwe uzakdan seredeniňde gülgün öwüsýän ýaly görünýär. Köpler paýnberriniň tagamyny adaty ýertudana meňzeşdir öýdýärler. Ýöne bu miwäniň ananasyň tagamyna we ysyna meňzeş özboluşly aýratynlygy bar.

Ýürek şekilli kiçijik miweleriň ululygy 1,5-2,5 santimetre ýetýär. Miwe örän ýumşak we suwly bolandygy sebäpli çalt zaýalanýar. Şonuň üçin ak ýertudanany uzak ýola äkidip bolmaýar. Ýetişen paýnberrini sowadyjyda doňduryp saklap, iýmezden öň ýuwmak iň gowy usuldyr. Ak ýertudanadan terligine iýilmek bilen bir hatarda, kokteýl we goýy miwe içgileri taýýarlanylýar. Şeýle hem süýjüliklere, desertlere, gök önümlerden taýýarlanýan dürli naharlara, duza ýatyrylan işdäaçarlara hem-de et marinad edilende goşulýar.

Köpler tarapyndan «albinos ýertudanasy» diýlip atlandyrylýan bu miwe XXI asyryň başynda niderland bagbanlary tarapyndan Ýewropa ýurtlarynda hem ösdürilip ýetişdirilip başlanýar. Adaty ýertudana ýaly ýere ýazylyp ösýän ösümligiň baldaklarynyň uzynlygy 20-30 santimetre ýetýär. Gyzgylt gül açýan bu ösümlik ýylda bir gezek, ýagny maý-iýun aýlarynda hasyl berýär. Şol sebäpli bu miwä başgaça «iýun miwesi» hem diýilýär. ABŞ, Angliýa we Germaniýa ýaly ýurtlarda restoranlara barýan müşderileriň sargyt eden naharynyň gapdalynda bir bölek ak ýertudana hem hödür edilýär. Bu bolsa miwäniň meşhurlygyny artdyrýar.

## Iki suratyň arasynda näçe tapawut bar?!



## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Gyzykly pursatlar








## 44-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Stol oýny. **2.** Birine ýa-da bir zada esewan bolmaklyk. **3.** Öte, aňry. **4.** «Il geçen köprüden, ... hem geç» (Paýhas çeşmesi). **5.** Jübüt, ikisi bilelikde. **6.** Türkmenistanda täsin ýerasty köl. **8.** Gresiýanyň bir şäheri. **9.** Künjüden we beýleki käbir ösümlik çigidinden ýag edýän ýönekeý abzal. **13.** Öňki mukdaryndan, göwrüminden şonça gezek köp. **16.** Ispaniýanyň futbol topary «... madrid». **17.** Deňiz jandary. **18.** Geometrik şekil. **19.** Janly tebigat boýunça hünärmen. **20.** Iş abzaly. **22.** Baýlyk, mal-mülk. **23.** Bezeg güli. **25.** Görnüş, keşp. **27.** Limona meňzeş sitrus miwe. **28.** ...-namys. **29.** Radiý himiki elementiniň gysga aňladylyşy. **32.** Türkmen dilinde 3-nji şahsyň köplük sany. **34.** Gazak şahyry ... Kunanbaýew. **36.** Derman serişdesini gönümel gan aýlanyşygyna çalt ýetirmek üçin ulanylýan usul. **38.** Gemriji jandar. **39.** Agaç, demir kesmek üçin ulanylýan dişli polat gural. **41.** Dabaraly çäre. **43.** Iki ujy aýlanyp bir-birine berkidilen tegelek, gurşaw. **45.** Öri meýdany. **47.** Zaýalanmadyk, bitin. **49.** Ýakyn aralykda däl, daş.

● **KESELIGINE:** **1.** Demirgazyk Ýewropada ýerleşýän döwlet. **4.** Ýaýyň oky salynýan gap. **7.** Ekine, miweli agaçlara düşüp, zyýanly kesel döredýän möjejik. **10.** Türk teleprodýusseri ... Ýontunç. **11.** Türkmen milli nahary. **12.** IT enjamlaryny üpjün edýän rus kompaniýasy. **14.** Gorap saklama, zaýa etmän saklama. **15.** Däneli ekin. **17.** Hytaý itiniň bir görnüşi. **19.** Ynjalyksyz, birahat. **21.** Ýurdumyzda welaýatlaryň biri. **24.** Sportuň bir görnüşi. **26.** Gyz ady. **28.** Hemişe gök öwsüp oturan köpýyllyk ösümlik. **30.** Pul birligi. **31.** Espresso, gyzgyn süýt we kakao garylyp taýýarlanylýan meşhur kofe içgisi. **33.** Döwür, eýýam. **35.** Bal (köne söz). **37.** XVIII asyryň görnükli türkmen şahyry. **40.** Ýaşuly, ata manysynda ýaşululara ýüzlenip aýdylýan söz. **42.** Harydyň bahasy. **44.** «Kyrk alty müň ... deňiz derýadyr» (Magtymguly Pyragy). **45.** ...-buýan, eýläk-beýläk. **46.** Beden agzasy. **48.** Süzmä duz goşulyp, togarlanyp taýýarlanýan süýt önümi. **50.** Ýurdumyzda goraghanalaryň biri. 51. Russiýanyň paýtagty. **52.** Daşary ýurt oglan ady. **53.** Jandarlaryň kellesiniň agyz, burun ýerleşýän bölegi.









# 19-njy tapgyryň duşuşyklarynyň netijeleri

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 19-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Oýnalan 3 oýunda 11 gol hasaba alyndy. 1 duşuşyk deňlikde tamamlandy.**



**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 20 | 20 | 0 | 0 | 82-12 | 60 |
| 2 | «AHAL» | 18 | 11 | 3 | 4 | 42-20 | 36 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 17 | 11 | 2 | 4 | 34-24 | 35 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 19 | 5 | 4 | 10 | 17-29 | 19 |
| 5 | «NEBITÇI» | 19 | 5 | 4 | 10 | 16-32 | 19 |
| 6 | «MERW» | 18 | 5 | 2 | 11 | 20-50 | 17 |
| 7 | «AŞGABAT» | 20 | 4 | 3 | 13 | 23-43 | 15 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 19 | 3 | 4 | 12 | 20-44 | 13 |

Sanawyň lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Nebitçi» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda 6 gol derwezä girizildi. 4–2 hasabynda ýeňiş gazanan «Arkadag» toparynyň gollarynyň 4-sini hem Didar Durdyýew öz adyna ýazdyrdy. Ol 2-nji (p), 45+2-nji, 57-nji hem-de 72-nji minutlarda tapawutlandy. Ýer eýesi «Nebitçiniň» gollaryny Hydyr Agöýliýew (8) bilen Muhammet Annaýew (30) geçirdi.

«Şagadam» bilen «Ahal» toparlarynyň arasyndaky oýunda deňizýaka şäheriň wekili 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Şagadam» toparyna ýeňiş getiren gollary 45+1-nji minutda Ylhas Magtymow bilen 80-nji minutda Musa Nurnazarow geçirdi. «Ahal» toparyndan Döwran Hojamämmedowyň 83-nji minutda salan goly ýeňşe ýetmedi.

Tapgyryň deňlikde tamamlanan ýeke-täk oýnunda, paýtagt derbisinde «Aşgabat» bilen «Köpetdag» utuklary paýlaşdylar (1–1). «Köpetdag» toparyndan 10-njy minutda Emir Berdiýewiň geçiren goluna «Aşgabat» toparyndan 14-nji minutda Merdan Muhadow jogap berdi.

# Ýarym finalyň 1-nji oýunlary geçirildi

**Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji oýunlary geçirilip, myhmançylykdaky toparlar ýeňiş bilen dolandylar.**

Kubogyň häzirki eýesi «Arkadag» topary myhmançylykda «Altyn Asyr» bilen duşuşdy. 8-nji minutda Mekan Saparowyň goly bilen öňe geçen «Arkadag» toparynyň derwezesinden deňlik goluny 54-nji minutda Röwşengeldi Halmämmedow girizdi. Ýöne myhmanlaryň jogaby gijikmedi. Yzly-yzyna 2 minutda 2 gol salan «Arkadag» topary 3-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Olara ýeňiş getiren gollary 65-nji minutda Ýazgylyç Gurbanow bilen 67-nji minutda Daýanç Meredow geçirdi.



Ýarym finalyň beýleki duşuşygynda «Ahal» topary «Köpetdagyň» myhmany bolup, 5–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşygyň 1-nji ýarymynda «Köpetdag» topary Emir Berdiýewiň 24-nji minutdaky goly bilen öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymda «Ahal» topary has erjel oýun görkezdi. 47-nji minutda Nazar Towakelowyň 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly bilen hasaby deňlän «Ahal» topary oýun tamamlanýança her 10 minutdan diýen ýaly 1 pökgini «Köpetdag» toparynyň derwezesinden girizdi. 60-njy minutda Ýakupmuhammet Gowşudow, 72-nji minutda Süleýman Mirzoýew, 79-njy minutda Yslam Annamyradow hem-de 83-nji minutda Annamyrat Meredow dagy tapawutlanyp, «Ahal» toparyna uly hasaply ýeňiş getirdiler.

Ýarym finalyň 1-nji duşuşyklarynyň netijesinde «Arkadag» bilen «Ahal» toparlary finala çykmagyň bosagasynda bolup, iki toparyň yzly-yzyna 4-nji gezek finalda çykyş etmegine garaşylýar. Mundan öňki 3 finalda-da iki topar duşuşyp, «Arkadag» topary üçüsinde hem ýeňiş gazanypdy.

# Antonelli öz ýurdunda ýeňiş gazandy

**Formula 1 boýunça möwsümiň 13-nji ýaryşy Italiýa «Gran Prisi» Monza şäherinde geçirildi. Ýaryşa ilkinji hatardan «Alpine» toparynyň fransiýaly sürüjisi Pier Gasli başlan hem bolsa, «Mercedes» toparyndan italiýaly Kimi Antonelli ýeňiş gazandy. Ol 53 aýlawy 1 sagat 51 minut 15,281 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 7-nji ýeňşini baýram etdi. Ol mundan öňki ýaryşda münbere çyksa-da, birinjiligi garşydaşlaryna aldyrypdy.**




**Ýaryşda 2-nji ýeri Antonelliniň topardaşy, britaniýaly Jorj Rassell eýeläp, ol ýeňijiden 3,857 sekunt yza galdy. Münberiň 3-nji basgançagyna bolsa «Red Bull» toparynyň niderland piloty Maks Werstappen çykdy. Ol ýeňijiden 14,718 sekunt soň pellehana geldi.**

**«McLaren» toparynyň sürüjileri britaniýaly Lando Norris bilen awstraliýaly Oskar Piastri 4-5-nji ýerleri paýlaşdylar. «Ferrari» toparyndan Lýuwis Hamiltonyň 6-njy ýeri eýelän ýaryşynda ilkinji hatardan bat alan Pier Gasli bäsleşigi 7-nji bolup tamamlady.**

**Şeýlelikde, 13-nji ýaryşdan soň Kimi Antonelli 267 utuk bilen sanawda 1-nji orny eýeläp gelýär. 2-nji ýerdäki Jorj Rassell 201 utuk toplady. 3-nji basgançakdaky Lýuwis Hamiltonyň 191, 4-nji ýerdäki Lando Norrisiň 171 utugy bar.**

**Möwsümiň 14-nji ýaryşy Ispaniýa «Gran Prisi» 13-nji sentýabrda ýurduň paýtagty Madridiň köçelerinde geçiriler. Ispaniýa «Gran Prisi» ilkinji gezek Madriddäki täze «Madring» trassasynda guralar. Bu ýaryş mundan öň Katalunýa Montmeloda geçirilýärdi.**

# Türkiýäniň ýygyndysynyň yzly-yzyna 2-nji çempionlygy

Woleýbol boýunça zenanlaryň arasynda geçirilen Ýewropa çempionatynda Türkiýäniň ýygyndysy çempion boldy. Final tapgyry Stambulda geçirilen ýaryşa 24 ýygyndy gatnaşdy. Finalda Türkiýe bilen häzirki wagtda sanawyň birinjisi Italiýanyň ýygyndylary duşuşdy. Duşuşygyň 1-nji setinde italýanlar 25:16 hasabynda üstün çykdy. 2-nji setde türkler 25:22 hasap bilen ýeňiş gazandy. 3-nji setde italýanlara ýeňiş gazanmak ýeňil düşdi (25:12). Çekeleşikli geçen 4-nji setde Türkiýäniň ýygyndysy 25:21 hasabynda üstün çykyp, umumy hasaby deňledi. Ýeňijini taý-brek kesgitläp, 5-nji setde 15:10 hasabynda ýeňiş gazanan Türkiýäniň ýygyndysy bassyr 2-nji gezek yklymyň çempiony bolmagy başardy. Türkiýäniň ýygyndysy 2023-nji ýylda-da finalda Serbiýany ýeňip, ilkinji çempionlygyny gazanypdy.

Türkiýäniň ýygyndysy Ýewropa çempionatynda 2 gezek çempionlyk gazanan 6-njy topar boldy. Bu olaryň 7-nji medaly bolup, Türkiýäniň ýygyndysy 2003-nji we 2019-njy ýyllarda 2-nji, 2017-nji hem-de 2021-nji ýyllarda 3-nji orny eýeläpdi. Türkiýäniň ýygyndysy soňky 6 ýaryşda-da ýarym finala çykmagy başardy.

Baýrakly 3-nji ýer ugrundaky oýunda Serbiýanyň ýygyndysy Polşanyň ýygyndysyny 3:1 hasabynda ýeňip, bürünç medala mynasyp boldy.

Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip, Türkiýäniň çempionlygyna uly goşant goşan Melissa Wargas saýlandy. Ol geçen çempionatda-da bu baýraga mynasyp bolupdy. Wargas çempionatda 195 utuk bilen çykyş edip, şwesiýaly Isabelle Haakdan soň (247) 2-nji orny eýeledi.

34-nji gezek guralan Ýewropa çempionatynyň toparçalaýyn tapgyry Türkiýäniň Stambul, Azerbaýjanyň Baku, Şwesiýanyň Gýotenburg hem-de Çehiýanyň Brno şäherlerinde, utulan-çykdy oýunlary bolsa Stambulda geçirildi. Ýewropa çempionatynda Russiýanyň ýygyndysy 19 çempionlyk (14-si ozalky SSSR-e degişli) bilen ep-esli öňde barýar. Italiýa (2007, 2009, 2021) bilen Serbiýa (2011, 2015, 2017) 3, Polşadyr (2003, 2005) ozalky Gündogar Germaniýa (1983, 1987) hem-de Türkiýe (2023, 2026) 2, Çehiýa (1955), Niderlandlar (1995), Bolgariýa (1981) 1 gezek çempionlyk gazandy.




Täze düzgüne laýyklykda, Ýewropa çempionaty mundan soň jübüt ýyllarda her 2 ýyldan bir gezek geçiriler. Täk ýyllarda bolsa her 2 ýyldan Dünýä çempionaty guralar. Indiki Ýewropa çempionaty 2028-nji ýylda Ispaniýadyr Slowakiýada geçiriler.

Bu çempionlykdan soň Türkiýäniň zenanlar milli ýygyndysy Los Anjeles 2028 tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga hukuk gazandy.

# Möwsümiň ilkinji tälimçisi

Ýewropada milli ligalaryň täze möwsümine awgust aýynyň soňky 2 hepdesinde badalga berildi. Ýöne muňa garamazdan, bir klub eýýäm tälimçisini ugradyp ýetişdi. Möwsüme juda şowsuz başlan «Fiorentina» Ýewropanyň TOP 5 çempionatynda täze möwsümiň tälimçisini çalşan ilkinji klub boldy. Italýan kluby ilkinji 3 duşuşykdaky şowsuz netijelerden soň Fabio Grossony topardan ugratdy. Benewşe reňkliler 48 ýaşyndaky hünärmeniň tälimçiliginde ilkinji 3 oýunda «Romadan» 4-0, öz meýdançasynda «Frozioneden» 3-0 hem-de «Torinodan» 2-1 hasaplar bilen asgyn geldi.



«Fiorentina» toparynyň tälimçiligine Paolo Wanoli bellenip, ol geçen möwsüm hem bu topary türgenleşdiripdi. 54 ýaşyndaky italiýaly hünärmen geçen ýylyň noýabrynda wezipä bellenip, iýunda-da işini taşlapdy.

# «Arsenal» düzümindäki ýene bir Gabrieli hem ugratdy

Angliýanyň «Arsenal» topary düzümindäki 2-nji braziliýaly Gabriel atly futbolçysyny hem ugratdy. Toparyň çep gyraky wingeri Gabriel Martinelli Saud Arabystanynyň «Al-Hilal» toparynyň düzümine goşuldy. Arap kluby Martinelliniň transferi üçin iňlislere 70 million ýewro berer. «Al-Hilal» topary 25 ýaşyndaky oýunçy bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Al-Hilal» Martinelliniň karýerasyndaky 3-nji klub bolup, ol «Arsenaldan» öň Braziliýanyň şol wagtlar 4-nji ligasynda bolan «Ituano» toparynda 1 möwsüm oýnady. 2019-njy ýylda londonlylaryň düzümine goşulan Martinelli 7 möwsüm iňlis klubunda 278 oýunda 62 gol geçirdi.




«Arsenal» Gabriel Martinelliden öň braziliýaly başga bir Gabrieli, ýagny Gabriel Žesusy «Barselona» ugradypdy. «Arsenalda» häzirki wagtda diňe bir Gabriel galdy. Braziliýaly goragçy Gabriel Magalýans londonlylaryň düzüminde çykyş edýär.

## Hepdäniň esasy duşuşyklary

| | |
|---|---|
| **11-nji sentýabr (anna)** | |
| Beşiktaş – Erzurumspor (22:00) | |
| Sewilýa – Walensiýa (00:00) | |
| **12-nji sentýabr (şenbe)** | |
| **Zenit – Lokomotiw (18:15)** | |
| Borussiýa D – Paderborn (18:30) | |
| Augsburg – Baýer (18:30) | |
| Liwerpul – Fulham (19:00) | |
| Çelsi – Hall Siti (21:00) | |
| **Lasio – Milan (21:00)** | |
| **Tottenham – Ewerton (21:30)** | |
| Pariž – Lion (23:45) | |
| **Real Madrid – R. Wallekano (00:00)** | |
| **Sanderland – Arsenal (00:00)** | |
| **13-nji sentýabr (ýekşenbe)** | |
| Lewante – Barselona (19:15) | |
| **M. Ýunaýted – Man. Siti (20:30)** | |
| Elwersberg – Bawariýa (20:30) | |
| Napoli – Bolonýa (21:00) | |
| Galatasaraý – Kojaelispor (22:00) | |
| Sassuolo – Ýuwentus (23:45) | |
| Brest – PSŽ (23:45) | |
| R. Sosiedad – Atletiko (00:00) | |
| **14-nji sentýabr (duşenbe)** | |
| Torino – Roma (21:00) | |
| Inter – Udineze (23:45) | |
| Wilýarreal – Betis (00:00) | |

# 70-nji «Altyn top» baýragynyň dalaşgärleri mälim edildi

**Futbol äleminiň iň abraýly baýraklaryndan diýlip görkezilýän «Altyn top» (Ballon d'Or) baýragynyň dalaşgärleri mälim edildi. 1956-njy ýyldan bäri «France Football» žurnaly tarapyndan gowşurylyp gelinýän baýraklarda ilkinji sanawa 30 futbolçy alyndy.**



Bu sanaw futbolçylaryň geçen möwsümdäki, ýagny 2025-nji ýylyň 3-nji awgustyndan şu ýylyň 19-njy iýulyna çenli aralykdaky başarnyklary esasynda kesgitlendi. Şol sebäpli futbolçylaryň atlary geçen möwsümdäki klublary bilen agzalýar. Sanawdaky 10 futbolçy Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi PSŽ toparyndan bolup, bu görkeziji rekorda deňdir. Ýagny ilkinji gezek bir klubdan 10 futbolçy 30 oýunçydan ybarat sanawa adyny ýazdyrdy. «Bawariýadan» 4, «Arsenal», «Barselona», «Real Madrid» toparlaryndan 3, «Mançester Sitiden» 2, «Mançester Ýunaýted», «Çelsi», «Inter», «Inter Maýami», «Al-Nassr» hem-de «Al-Kadsiýa» toparlaryndan 1 futbolçy dalaşgär görkezildi.

Bu baýragy 8 gezek eýelän Lionel Messi 17-nji gezek dalaşgär görkezilip, Kristiano Ronaldonyň (18) rekordyna golaýlady.

Dünýä Kubogynyň ýeňijisi Ispaniýadan 6, Fransiýadan 5, Portugaliýadan 4, Angliýadan, Braziliýadan 3, Argentinadan 2, Kolumbiýadyr Meksikadan, Norwegiýadan, Senegaldan hem-de Gruziýadan 1 futbolçy sanawa alyndy.

Baýragyň geçen ýylky ýeňijisi Usman Dembele bu gezek sanawa alynsa-da, esasy dalaşgärleriň hatarynda görkezilenok.

Geçen möwsümde 3 ýaryşyň iň köp gol geçiren oýunçysy bolan Kilian Mbappeniň, PSŽ-niň Çempionlar Ligasyny 2-nji gezek gazanmagyna saldamly goşant goşan Hwiça Kwaresheliýanyň hem-de geçen möwsümi ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, 71 gol bilen tamamlan Harri Keýniň atlary esasy dalaşgärleriň hatarynda görkezilýär.

Lamin Ýamal 20 ýaşdan öň bassyr 3-nji gezek dalaşgär görkezilen ilkinji futbolçy boldy.

Zenanlaryň arasynda-da 30 futbolçy ilkinji sanawa alnyp, geçen möwsümi «Barselonada» geçiren Aleksia Puteláasyň esasy dalaşgärdigi bellenilýär. Katalonlaryň polşaly oýunçysy Ewa Paýor hem esasy dalaşgärleriň biri hasaplanýar.

Ýylyň tälimçisi baýragyna dalaşgär görkezilenleriň 4-si ispaniýaly hünärmenlerdir. Luis de la Fuenta, Mikel Arteta, Unaý Emeri, Luis Enrike dagy bilen bilelikde belgiýaly Wensan Kompani hem dalaşgärlige hödürlendi. Baýragy Ispaniýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi Luis de la Fuenteniň almagyna garaşylýar.

Möwsümiň iň ökde derwezeçisine berilýän Ýaşin baýragyna Bunu, Kurtua, Juan Garsiýa, Kobel, Emiliano Martines, Mendi, Raýa, Safonow, Simon, Wozinýa ýaly derwezeçiler dalaşgär görkezildi.



Möwsümde iň ökde çykyş eden ýaş futbolçylara berilýän Kopa baýragyna-da erkekleriň arasynda Alaýbegowiç, Buaddi, Kubarsi, Diomande, Karl, Krupi, Ýamal, Manzambi, Maza hem-de Zair-Emeri dagy dalaşgärlige hödürlendi.

70-nji «Altyn top» baýragynyň ýeňijisi 26-njy oktýabrda Londonda geçiriljek dabarada mälim ediler.

● **«Altyn top» baýragynyň dalaşgärleri:** Gabriel Magalaes (Braziliýa), Deklan Raýs (Angliýa),




William Saliba (Fransiýa) – ARSENAL, Mark Kukurelýa (Ispaniýa) – ÇELSI, Erling Holann (Norwegiýa), Rodri (Ispaniýa) – MANÇESTER SITI, Bruno Fernandeş (Portugaliýa) – MANÇESTER ÝUNAÝTED, Usman Dembele (Fransiýa), Aşraf Hakimi (Marokko), Hwiça Kwarasheliýa (Gruziýa), Markinios (Braziliýa), Nunu Mendeş (Portugaliýa), Žoao Neweş (Portugaliýa), Willian Paço (Ekwador), Fabian Ruiz (Ispaniýa), Witinýa (Portugaliýa) – PARI SEN-ŽERMEN, Luis Diaz (Kolumbiýa), Harri Keýn (Angliýa), Maýkl Olise (Fransiýa), Daýo Upamekano (Fransiýa) – BAWARIÝA, Lautara Martines (Argentina) – INTER, Sadio Mane (Senegal) – AL-NASSR, Hulian Kuinýones (Meksika) – AL-KADSIÝA, Pau Kubarsi (Ispaniýa), Ferran Torres (Ispaniýa), Lamin Ýamal (Ispaniýa) – BARSELONA, Jud Bellingam (Angliýa), Kilian Mbappe (Fransiýa), Winisius Junior (Braziliýa) – REAL MADRID, Lionel Messi (Argentina) – INTER MAÝAMI

● **«Altyn top zenanlar» (Ballon d'Or Feminin) baýragynyň dalaşgärleri:** Selma Baça (OL Lion), Barbra Banda (Orlando Praýd), Klara Bül (Bawariýa), Esmee Brugts (Barselona), Mariona Kaldenti (Arsenal), Skarlett Kamberos (Klub Amerika), Kerstin Kasparij (Mançester Siti), Temwa Çawinga (Kansas Siti Körrent), Kata Koll (Barselona), Melçi Dumorneý (OL Lion), Karolin Grem Hansen (Barselona), Aleks Grinwud (Mançester Siti), Patri Guiharro (Barselona), Pernil Harder (Bawariýa), Ýui Hasegawa (Mançester Siti), Rouz Lawell (Gotham FK), Mapi Leon (Barselona), Lorena (Kansas Siti Körrent), Melwin Malard (Mançester Ýunaýted), Manaka Matsukubo (Nort Karolaýna Kourej), Wiwianne Miedema (Mancester Siti), Ewa Paýor (Barselona), Klaudia Pina (Barselona), Aleksia Putelýas (Barselona), Wendi Renar (OL Lion), Alessio Russo (Arsenal), Hadija Şaw (Mançester Siti), Momoko Tanikawa (Bawariýa), Karolin Weir (Real Madrid), Tessa Wulleart (Inter)

● **Kopa baýragynyň dalaşgärleri (erkekler):** Kerim Alaýbegowiç (RB Salsburg), Aýýub Buaddi (Lill), Pau Kubarsi (Barselona), Ýan Diomande (Leipsig), Lennart Karl (Bawariýa), Eli Junior Krupi (Bornmut), Lamin Ýamal (Barselona), Ýohan Manzambi (Fraýburg), Ibrahim Maza (Baýer), Warren Zair-Emeri (PSŽ)

**Kopa baýragynyň dalaşgärleri (zenanlar):** Weerle Buurman (Çelsi), Wiki Lopes (Barselona), Felisiýa Şröder (BK Haken), Klara Serraýordi (Barselona), Lili Ýohannes (OL Lion)

● **Ýaşin baýragynyň dalaşgärleri (erkekler):** Ýassin Bunu (Al-Hilal), Tibo Kurtua (Real Madrid), Žuan Garsiýa (Barselona), Gregor Kobel (Borussiýa D), Emilian Martines (Aston Willa), Eduar Mendi (Al-Ahli), Dawid Raýa (Arsenal), Matweý Safonow (PSŽ), Unaý Simon (Atletik Bilbao), Wozinýa (Şawes)

**Ýaşin baýragynyň dalaşgärleri (zenanlar):** Ann-Katrin Berger (Gotham FK), Kata Koll (Barselona), Hanna Hampton (Çelsi), Lorena (Kansas Siti Körrent), Aýaka Ýamaşita (Mançester Siti)

● **Ýylyň kluby (erkekler):** Arsenal, Bawariýa, Bude-Glimt, Flamengo, Pari Sen-Žermen

**Ýylyň kluby (zenanlar):** Barselona, Bawariýa, Klub Amerika, Mançester Siti, OL Lion

● **Ýylyň tälimçisi:** Mikel Arteta (Arsenal), Luis de la Fuenta (Ispaniýanyň ýygyndysy), Unaý Emeri (Aston Willa), Luis Enrike (PSŽ), Wensan Kompani (Bawariýa)

**Zenan futbolynda ýylyň tälimçisi:** Honatan Hiraldes (OL Lion), Andree Ýeglertz (Mançester Siti), Nils Nielsen (Ýaponiýanyň ýygyndysy), Pere Romeu (Barselona), Elena Sadiku (Seltik, BK Haken)



# Çempionlar Ligasynyň täze möwsümine badalga berildi







### MÖWSÜMIŇ ILKINJI GOLY

● UEFA Çempionlar Ligasynda täze möwsüme badalga berildi. Möwsümiň ilkinji goly Belgiýanyň Brýugge şäherinde hasaba alyndy. «Klub Brýugge» bilen «Aston Willanyň» arasyndaky duşuşygyň 11-nji minutynda tapawutlanan iňlis klubunyň oýunçysy Jon MakGinn möwsümiň ilkinji goluny geçiren oýunçy boldy. Duşuşyk 3-2 hasabynda «Aston Willanyň» ýeňşi bilen tamamlanyp, myhman toparyň gollaryny MakGinn (11), Buendia (22) hem-de Nikolas Jekson (43) geçirdi. Ýer eýelerinden Wetlesen (19) bilen Tresoldiniň (61 p) gollary ýeňşe ýetmedi.

### MBAPPE RAUL BILEN DEŇLEŞDI

● Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Real Madrid» öz meýdançasynda «Inter» bilen güýç synanyşdy. Žoze Mourinionyň häzirki şägirtleri onuň öň türgenleşdiren toparyny Mbappeniň (14) hem-de Walwerdeniň (23) gollary esasynda 2–1 hasap bilen ýeňdi. Oýunda 2 golda-da «interli» futbolçylar – Bissaka bilen derwezeçi Hosep Martines gödek ýalňyşlyk goýberdi. «Interiň» ýeke-täk goluny 77-nji minutda Karlos Augusto öz adyna ýazdyrdy. Duşuşykda «Realyň» 1-nji goluny geçiren Kilian Mbappeniň Çempionlar Ligasyndaky gollarynyň sany 71-e ýetip, ol Raul Gonzales bilen deňleşdi. Mbappe bu sanawda Ronaldo, Messi, Lewandowski, Benzema dagydan soň 5-nji ýeri eýeleýär. Şeýle-de duşuşykda ençeme seýw eden Tibu Kurtua Çempionlar Ligasyndaky 100-nji oýnuny geçirdi. Ol bu ýaryşda 100 duşuşyk geçiren 56-njy futbolçy boldy.

### ÇEMPION 6 GOLLY ÝEŇIŞ BILEN BAŞLADY

● Çempionlar Ligasynyň soňky 2 ýylynyň ýeňijisi PSŽ täze möwsüme uly hasaply ýeňiş bilen başlady. Öz meýdançasynda «Slowan Bratislawany» kabul eden parižliler garşydaşyny 6-1 hasabynda utdy. Oýunda täze transfer Ferran Torres (31, 47, 57) 3, Usman Dembele (17, 23) 2, Fabian Ruiz (88) 1 gezek tapawutlandy. Taryhynda 2-nji sapar bu ýaryşa wekilçilik edýän «Slowan» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa 59-njy minutda Suleiman Kamara geçirdi.



### ISKO ADYNY TARYHA ÝAZDYRDY

● «Lill» bilen «Betisiň» arasyndaky duşuşyk çekeleşikli we dartgynly geçip, myhmanlar 3-2 hasabynda ýeňiş gazandy. Ýer eýeleri 2 gezek öňe geçse-de, olara üstünligini saklamak başartmady. «Lill» toparynda Etan Mbappe 56-njy minutda gyzyl kart aldy. Duşuşykda esasy düzümde meýdança çykan «Betisiň» oýunçysy Isko bir ýurduň 5 kluby bilen Çempionlar Ligasynda oýnan ilkinji futbolçy boldy. Netijede, «Betis» topary 21 ýyldan soň Çempionlar Ligasyndaky ilkinji ýeňşini baýram etdi.

### 20 ÝYLDAN SOŇ ILKINJI ÝEŇIŞ

● Şeýle-de, Gresiýanyň çempiony AEK öz meýdançasynda Awstriýanyň çempiony, ýaryşyň debýutanty LASK toparyny Razwan Mariniň 21-nji minutda geçiren owadan goly bilen 1-0 hasabynda ýeňdi. Bu olaryň Çempionlar Ligasynda 20 ýyldan soň gazanan ilkinji ýeňşi boldy.

### 11 OÝUNDAN BÄRI ÝEŇIP BILENOK

● 5 goluň geçirilen başga bir duşuşygynda «Borussiýa Dortmunda» öz meýdançasynda «Wilýarrealy» ýeňmek ýeňil düşmedi. Dortmundlylar Weiganyň 53-nji minutdaky awtogoly bilen öňe geçse-de, 66-njy minutda Mourinýo hasaby deňledi. Oýnuň soňky minutlarynda «Borussiýa Dortmundyň» kot-d'iwuarly hüjümçisi Seru Girassi 3 gezek tapawutlandy. Ol 80-nji we 85-nji minutlarda öz toparynyň, 90+3-nji minutda bolsa awtogol bilen «Wilýarrealyň» goluny geçirdi. «Wilýarreal» toparyna Çempionlar Ligasynda 11 oýundan bäri ýeňiş gazanmak başardanok (10 ýeňliş, 1 deňlik).

### 59 OÝUNDA 59 GOL

● «Mançester Siti» topary myhmançylykda «Porto» toparyny Erling Holannyň 47-nji hem-de 90+1-nji minutlarda geçiren gollary esasynda 2–0 hasabynda utup, möwsüme 3 utuk bilen başlady. Holannyň bu ýaryşdaky gollarynyň sany 59 oýunda 59-a ýetdi.



Tapgyryň öňe saýlanýan oýunlarynyň birinde «Liwerpul» bilen «Atletiko Madrid» duşuşdy. Ispan topary Llorenteniň 17-nji minutdaky goly bilen öňe geçse-de, iňlisler Soboslainiň 40-njy hem-de Mak Allisteriň 50-nji minutlardaky takyk urgulary esasynda ýeňşini baýram etdi.

Angliýanyň başga bir topary wise-çempion «Arsenal» Italiýada «Napoliniň» myhmany bolup, iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazandy. Londonlylara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 75-nji minutda Martin Edegor derweze girizdi.

### «BARSELONA» 5-LIK GOÝDY

● «La Ligada» möwsüme şowly, uly hasaply ýeňişler bilen başlan «Barselona» topary Çempionlar Ligasyna hem ýokary depginde girişdi. Öz meýdançasynda «Feýenoordy» 5–1 hasabynda ýeňen katalonlaryň gollaryny 3-nji we 57-nji minutlarda Rafinýa, 22-nji minutda Adeýemi, 77-nji minutda jerime urgusyndan Ýamal hem-de 85-nji minutda Gabriel Žesus geçirdi. 2 goly dürli sebäplerden hasaba alynmadyk «Feýenoord» toparynyň ýeke-täk pökgüsini 82-nji minutda Steiýn öz adyna ýazdyrdy.

### MYHMANLAR ÖŇE GEÇSE-DE...

● Portugaliýanyň paýtagty Lissabonda Türkiýäniň çempiony «Galatasaraý» Inasionyň 5-nji minutdaky awtogoly bilen öňe geçse-de, olara üstünligini saklamak başartmady. 3–1 hasabynda üstün çykan «Sporting» toparyna ýeňiş getiren gollary Katamo (27), Luis Suares (57 p) hem-de Zalazar (63) öz atlaryna ýazdyrdylar.

### 12 MINUTDA HET-TRIK ETDI

● Germaniýada soňky 3 ýylda 2-nji, umumylykda-da 5-nji gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşýan «Ştutgart» topary ýaryşyň debýutanty «Wikingi» 3-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Nemes klubuna ýeňiş getiren gollaryň 3-sini hem 12 minutyň dowamynda Ermedin Demirowiç öz adyna ýazdyrdy. 20-nji, 26-njy we 32-nji minutlarda tapawutlanan bosniýaly hüjümçi Çempionlar Ligasynda şu möwsümde het-trik eden ilkinji futbolçy boldy. «Wiking» toparynyň ýeke-täk, şol sanda bu ýaryşdaky ilkinji goluny 22-nji minutda Zlatko Tripiç derweze girizdi.




**KLUB BRÝUGGE — ASTON WILLA: 2–3**
*/Wetlesen 19, Tresoldi 61 p — MakGinn 11, Buendia 22, Jekson 43/*
**AEK AFINY — LASK: 1-0**
*/Razwan Marin 21/*
**BORUSSIÝA D — WILÝARREAL: 3–2**
*/Weiga 53 ö.d., Seru Girassi 80, 85 p — Mourinýo 66, Seru Girassi 90+3 ö.d./*
**PORTO — MANÇESTER SITI: 0-2**
*/Erling Holann 47, 90+1/*
**LILL — BETIS: 2–3**
*/Ueda 12, Alekssandro 36 — Bartra 33, 49, Parrott 53/*
**REAL MADRID — INTER: 2–1**
*/Kilian Mbappe 14, Walwerde 23 — Karlos Augusto 77/*
**BARSELONA — FEÝENOORD: 5–1**
*/Rafinýa 3, 57, Adeýemi 22, Lamin Ýamal 77, Gabriel Žesus 85 — Steiýn 82/*
**ŞTUTGART — WIKING: 3–1**
*/Ermedin Demirowiç 20, 26, 32 — Tripiç 22/*
**LIWERPUL — ATLETIKO: 2–1**
*/Soboslai 40, Mak Allister 50 — Llorente 17/*
**PARI SEN-ŽERMEN — SLOWAN BRATISLAWA: 6–1**
*/Dembele 17, 23, Ferran Torres 31, 47, 57, Fabian Ruiz 88 — Suleiman Kamara 59/*
**SPORTING — GALATASARAÝ: 3–1**
*/Katamo 27, Luiz Suares 57 p, Zalazar 63 — Inasio 5 ö.d./*
**NAPOLI — ARSENAL: 0–1**
*/Martin Edegor 75/*
FENERBAHÇE – ROMA, PSW – ŞAHTÝOR DONESK, BAWARIÝA – BUDE-GLIMT, KOMO – LEIPSIG, MANÇESTER ÝUNAÝTED – SABAH, SLAWIÝA PRAGA – LANS




# 51 ýyldan soň ilkinji gezek

ABŞ-nyň Nýu Ýork şäherinde dowam edýän 146-njy «Amerika Açyk» tennis ýaryşynda ýarym finala çykanlar belli boldy. Möwsümiň soňky «Uly tuwulga» ýaryşy bolan bäsleşikde zenanlaryň arasynda sanawyň öňdäki 4 tennisçisi ýarym finala çykyp, «Amerika Açykda» 1975-nji ýyldan bäri ilkinji gezek hasaba alyndy. «Uly tuwulgalarda» bolsa soňky sapar 2009-njy



ýylda «Wimbledonda» sanawyň öňdäki 4 tennisçisi ýarym finala adyny ýazdyrypdy. Ýarym finalda belarusly Aryna Sabalenka bilen amerikaly Jessika Pegula hem-de amerikaly Koko Gauff bilen gazagystanly Ýelena Rybakina finala çykmak üçin özara duşuşarlar. Rybakina çärýek finalda hytaýly Çžen Kinwenden 1-nji setde utulsa-da (6:3), soňky 2 setde garşydaşyny ýeňmegi başardy (6:1, 6:4). Bu ýeňiş bilen Ýelena Rybakina bäsleşikden soň täzelenjek WTA-nyň täze sanawynda karýerasy boýunça ilkinji gezek birinji orna beýgeler.

Sabalenka çärýek finalda çehiýaly Linda Noskowany (7:6, 3:6, 7:6), Jessika Pegula bolsa watandaşy Emma Nawarrony ýeňlişe sezewar etdi (3:6, 6:4, 6:3). Koko Gauff bolsa 1-nji setde utulandygyna garamazdan, russiýaly Mirra Andreýewany ýeňmegi başardy (2:6, 7:6, 6:2).

Erkekleriň arasynda germaniýaly Aleksander Zwerew bilen russiýaly Karen Haçanow hem-de iki amerikaly ten-



nisçi Fransis Tiafou bilen Ben Şelton duşuşar. Italiýaly Ýannik Sinneriň gatnaşmaýan ýaryşynda ispaniýaly Karlos Alkaras çärýek finalda 5 setiň netijesinde Ben Şeltondan asgyn geldi (6:7, 6:1, 6:3, 1:6, 7:6). Ýarym finala çykan tennisçileriň arasynda diňe Zwerewiň «Uly tuwulga» çempionlygy bolup, şu ýyl «Fransiýa Açykda» ýeňiji bolupdy.

Zwerew çärýek finalda niderland Botik wan de Zandshupy (6:2, 7:5, 6:1), Karen Haçanow belgiýaly Aleksander Bloksy (6:2, 7:5, 3:2), Fransis Tiafou watandaşy Aleks Mikelseni (5:7, 3:6, 7:5, 6:3, 7:6) ýeňdi.

## SUNGAT

# «Möý adam: täze gün» filmi 3-nji orna beýgeldi

Iýun aýynyň soňky anna güni ekranlara çykan «Möý adam: täze gün» (Spider-Man: Brand New Day) filminiň prokatlardan toplan girdejisi bilen ähli döwürleriň sanawynda 3-nji orna beýgeldi. Prokatlardan toplany 2 milliard



410 million dollara golaýlap gelýän film ilki «Titanik» (2 milliard 258 million dollar), soňra «Awatar: suwuň ýoly» (2 milliard 335 million dollar) kinolaryndan öňe geçmegi başardy. Häzirlikçe «Möý adam: täze gün» filminden öňde 2 kino bolup, olar 2009-njy ýylda ekranlara çykan «Awatar» hem-de 2019-njy ýylda prokatlara ýaýran «Ar alyjylar: oýnuň soňy» filmleridir. «Awatar» 2 milliard 924 million dollar toplan bolsa, «Ar alyjylar: oýnuň soňy» 2 milliard 798 million dollar ýygnady.

Ýöne «Ar alyjylar: oýnuň soňy» (Avengers: Endgame) filmi ýakyn günlerde täzeden ekranlara gaýdyp geler. «Ar alyjylar: Doktor Dum» (Avengers: Doomsday) filminiň ekranlara çykmazyndan öň kinoteatrlarda görkeziljek «Ar alyjylar: oýnuň soňy» filminiň girdejisiniň 3 milliard dollara ýetmegine we sanawyň birinji ornuna çykmagyna garaşylýar. Ýöne onuňam bu birinjiligi wagtlaýynça bolar diýip çaklaýanlaryň sany az däl. Sebäbi dekabr aýynyň 18-inde ekranlara çykjak «Ar alyjylar: Doktor Dum» filminiň görlüp-eşidilmedik derejede kassa ýygymyny toplamagyna, ähli rekordlary täzelemegine garaşylýar.



Iýul aýynyň 17-sinden bäri görkezilip gelinýän we tutuşlaýyn IMAX kameralary bilen ekranlaşdyrylan ilkinji film hökmünde taryha giren «Odisseýa» filmi-de girdeji toplamagyny dowam edýär. Kristofer Nolanyň 1milliard 640 million dollara golaý kassa ýygymyny toplan bu filmi umumy sanawda 14-nji orna beýgeldi.

TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň okuw we gündelik çykdajylary üçin «VISA» we «Master Card» bank kart hasaplaryna manat serişdelerini onlaýn görnüşde özbaşdak goýmaga we erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçiligi döredýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyndan peýdalanmaga çagyrýar.

Tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin raýatlarymyz bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalary ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen, bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesiniň üsti bilen hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilerler.

**Hormatly ildeşler!** «Onlaýn halkara töleg» ulgamy hyzmatyndan peýdalanmak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da onuň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**
(+993 12) **44-03-04**, (+993 12) **44-35-74**
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynda ýerleşdirilen.